**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

**– Biz ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň daşary ýurtlara iberilýän möçberlerini artdyrmalydyrys. Gyzyklanma bildirýän ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlarymyz bilen daşary ykdysady gatnaşyklarymyzy giňeltmelidiris.**

# Biznes reklama

17.03.2025 | Duşenbe. | №11 (1369). | Hepdelik gazet. | Möçberi 16 sahypa. | 1998-nji ýylyň 17-nji aprelinden bäri çykýar. | Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi. | br.com.tm



## Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisi

14-nji martda hormatly Prezidentimiz sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa kanunçylygy we hukuk tertibini berkitmek, raýatlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny goramak, kazyýet edaralarynyň işini kämilleşdirmek, awtomobil ulagy, salgytlar bilen baglanyşykly kanun taslamalaryny taýýarlamak boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow senagat howpsuzlygy çygrynda bilermenleriň hünär synagyny geçirmegiň Tertibiniň taslamasy barada habar berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-ermeni toparynyň 10-njy mejlisini geçirmäge görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda hem-de welaýatlarda alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow Milli bahar baýramyna — Halkara Nowruz gününe taýýarlyk görmegiň çäklerinde Aşgabat şäherinde alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Atagulyýew Ýaponiýanyň Osaka şäherinde geçiriljek «EKSPO — 2025» Bütindünýä sergisine Türkmenistanyň ýokary derejede gatnaşmagyny üpjün etmek boýunça alnyp barylýan taýýarlyk işleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň milli pawilýonynda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlaryny üstünlikli durmuşa geçirýän hormatly Prezidentimiziň özgertmeler syýasaty netijesinde ýurdumyzda gazanylýan ösüşler, ýetilen belent sepgitler giňden beýan ediler. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer ýurdumyzyň Bütindünýä sergisine gatnaşmagynyň çäklerinde geçirilmegi teklip edilýän çäreleriň sanawynyň işlenip taýýarlanylandygyny aýtdy we döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, dünýä döwletleri bilen söwda-ykdysady gatnaşyklaryň yzygiderli ösdürilýändigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz Ýaponiýanyň Osaka şäherinde geçiriljek «EKSPO — 2025» Bütindünýä sergisine gowy taýýarlyk görmegiň wajypdygyny nygtady we bu ugurda taýýarlanan teklibi goldap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa Milli bahar baýramy — Halkara Nowruz güni mynasybetli geçiriljek baýramçylyk çärelerine görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa 2025-2026-njy okuw ýylynda Rumyniýanyň ýokary okuw mekdeplerine ýaşlary okuwa ibermek meselesi barada hasabat berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Türkmenistanyň gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri boýunça halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek ugrunda görülýän çäreler barada hasabat berdi.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew Türkmenistan bilen Gyrgyz Respublikasynyň arasynda logistika ulgamynda hyzmatdaşlygy ösdürmek babatda alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

(TDH-niň maglumatlary esasynda taýýarlanyldy).

## Hormatly Prezidentimiz Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň açylyş dabarasyna gatnaşdy

12-nji martda hormatly Prezidentimiz Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynda täze desganyň — Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň açylyş dabarasyna gatnaşdy.

Şol gün ir bilen hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow dikuçarda täze, döwrebap önümçiligiň ýanyndaky meýdança geldi we bu ýerden dabaranyň geçirilýän ýerine tarap ugrady. Dabara gatnaşyjylaryň hatarynda Mejlisiň Başlygy, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, harby we hukuk goraýjy edaralaryň, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary, Ahal welaýatynyň häkimi, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň we jemgyýetçilik wekilleri bar.

Döwlet Baştutanymyz dabaraly çäre üçin ýörite taýýarlanylan mejlisler jaýyna bardy.

Hormatly Prezidentimiz bu ýerde çykyş edip, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň rowaçlyklara beslenýän günlerinde Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynda bina edilen Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň açylyş dabarasyna gatnaşyjylary bu döwrebap kärhananyň işe girizilmegi bilen tüýs ýürekden gutlady.

Döwlet Baştutanymyz kärhananyň birnäçe binadyr desgadan ybarat bolup, bu ýerde 460-a golaý işgäriň zähmet çekmegi üçin ähli önümçilik, durmuş şertleriniň döredilendigini belläp, Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň senagatçylarynyň geljekde hem ýurdumyzy ösen döwlete öwürmekde tutanýerli zähmet çekjekdiklerine, döwletimiziň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmaga mynasyp goşant goşjakdyklaryna berk ynam bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz dabara gatnaşyjylary hem-de senagat we gurluşyk önümçiligi pudagynyň ähli işgärlerini, şeýle-de Ahal welaýatynyň ilatyny bu möhüm desganyň işe girizilmegi bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlap, hemmelere berk jan saglyk, asuda we bagtyýar durmuş, alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Soňra bu ýerde ýerleşdirilen ekranda Bäherden keramiki önümler kärhanasy bilen tanyşdyrýan wideofilm görkezildi.

Soňra Italiýa Respublikasynyň «SACMI Imola Societa Cooperativa» kompaniýasynyň wekili Mikele Pulpito söz berildi.

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

## Türkmenistanyň Prezidenti Ýewropa Bileleşiginiň halkara hyzmatdaşlyk boýunça Ýewropa komissaryny kabul etdi

12-nji martda hormatly Prezidentimiz Ýewropa Bileleşiginiň halkara hyzmatdaşlyk boýunça Ýewropa komissary Ýozef Sikelany kabul etdi.

Myhman wagt tapyp kabul edendigi üçin döwlet Baştutanymyza hoşallyk bildirip, Ýewropa Bileleşiginde ykdysady özgertmeleriň ýoly bilen ynamly öňe barýan Türkmenistan bilen köpugurly hyzmatdaşlyga ýokary baha berilýändigini nygtady.

Hormatly Prezidentimiz Ýewropa komissaryny mähirli mübärekläp, myhmanyň ýurdumyza amala aşyrýan saparynyň dowamynda ýokary derejeli duşuşyklaryň geçiriljekdigini hem-de onuň sebitde uly portlaryň biri bolan Türkmenbaşy Halkara deňiz portuna baryp görjekdigini aýtdy we bu saparyň Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň häzirki ýagdaýy, geljekki ugurlary boýunça pikir alyşmaga, köpugurly gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmäge mümkinçilik berjekdigine ynam bildirdi.

Duşuşygyň dowamynda bellenilişi ýaly, häzirki wagtda Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasyndaky hyzmatdaşlyk üstünlikli ösdürilýär. Soňky ýyllarda syýasy-diplomatik gatnaşyklar has-da işjeňleşdirilýär. Özara hyzmatdaşlygyň diňe bir ikitaraplaýyn däl, eýsem, köptaraplaýyn esasda-da ösdürilmegine uly ähmiýet berilýär. «Merkezi Aziýa — Ýewropa Bileleşigi» formatyndaky gatnaşyklar munuň aýdyň mysalydyr.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we Ýewropa Bileleşiginiň halkara hyzmatdaşlyk boýunça Ýewropa komissary Ýozef Sikela özara bähbitli hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirip, birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

(TDH-niň maglumatlary esasynda taýýarlanyldy).

# Syýasat



## Hormatly Prezidentimiz Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň açylyş dabarasyna gatnaşdy




(Başlangyjy 1-nji sahypada).

Myhman pursatdan peýdalanyp, Türkmenistan bilen Italiýanyň arasyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek boýunça edýän tagallalary üçin hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, türkmen halkynyň bähbidine durmuşa geçirýän giň gerimli işlerinde üstünlikleri arzuw etdi.

Ýygnananlaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda ýurdumyzyň senagat we gurluşyk önümçiligi ministrine «SACMI Imola Societa Cooperativa» kompaniýasynyň Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň ýokary tehnologiýaly enjamlar bilen enjamlaşdyrylan desga bolup, ähli inženerçilik işleriniň we kärhananyň önümçiliginde ornaşdyrylan enjamlaryň Ýewropada hereket edýän, halkara derejede kabul edilen standartlara doly laýyk gelýändigini tassyklaýan şahadatnamasy, şeýle hem Italiýanyň «Associazione Costruttori Italiani Macchine Attrezzature per Ceramica» kompaniýasynyň Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň ekologik taýdan arassa we daşky gurşawa zyýan ýetirmeýän desga bolup, kärhananyň önümçiliginde ornaşdyrylan tehnologik enjamlaryň hil, daşky gurşaw, saglyk we howpsuzlyk taýdan halkara güwänamalaryň kadalaryna doly laýyk gelýändigini tassyklaýan şahadatnamasy gowşuryldy.

Döwlet Baştutanymyz dabaraly ýagdaýda toý bagyny kesdi. Şol pursatda asmana dürli reňkdäki howa şarlary uçuryldy. Soňra hormatly Prezidentimiz kärhananyň çäginde gurlan sergi binasyna bardy we keramiki bezeg plitalarynyň, sanfaýans önümleriniň görnüşleri bilen tanyşdy.

Soňra hormatly Prezidentimiz düwmäni basyp, iri senagat desgasyny işe girizdi. Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň öz işine başlamagy we önümçiligiň çylşyrymly tehnologik prosesi wideoşekillerde görkezildi.

Bu ýerde döwlet Baştutanymyza senagat we gurluşyk toplumynyň ähli işgärleriniň adyndan ajaýyp türkmen halysy sowgat berildi.

Soňra Arkadagly Gahryman Serdarymyz täze kärhananyň barlaghana otagyna bardy. Bu ýerde hünärmen döwlet Baştutanymyzy döredilen şertler bilen tanyşdyrdy.

Döwlet Baştutanymyz sanfaýans önümleri önümhanasyndan çykyp, Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň ýolbaşçysyna täze awtoulaglaryň we ýörite tehnikalaryň açarlaryny gowşurdy.

Kärhananyň ýolbaşçysy döwrebap önümçilik desgasyny gurduryp berendigi hem-de Şa serpaýy üçin Arkadagly Gahryman Serdarymyza kärhananyň işgärleriniň adyndan çäksiz hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyza berk jan saglyk, uzak ömür, döwlet ähmiýetli işleriniň rowaçlyklara beslenmegini arzuw etdi.

Hormatly Prezidentimiz dabara gatnaşyjylar bilen mähirli hoşlaşyp, dikuçar meýdançasyna bardy we bu ýerden Aşgabada ugrady.

Robotlaşdyrylan hem-de awtomatlaşdyrylan innowasion tehnologiýalar, dünýäniň öňdebaryjy önüm öndürijileriniň enjamlary bilen üpjün edilen, 30 gektar meýdanda ýerleşýän bu döwrebap önümçilik kärhanasynyň ulanmaga berilmegi ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylan gurluşyklary türkmen topragynyň baý çig mal binýadynda ýokary hilli gurluşyk serişdeleri bilen yzygiderli üpjün etmek boýunça öňde goýlan wezipeleriň üstünlikli çözülýändigine şaýatlyk edýär.

Şeýlelikde, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygynyň dabaralaryna beslenýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda geçirilen şu günki açylyş dabarasy Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan giň gerimli özgertmeleriň hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilmegi esasynda milli ykdysadyýetimiziň pudaklaryny okgunly ösdürilýändigininiň nobatdaky aýdyň güwäsi boldy.

(TDH-niň maglumatlary esasynda taýýarlanyldy).



## Aşgabatda ilkinji gezek halkara moda görkezilişi guralar

17 — 19-njy mart aralygynda Aşgabat şäherinde Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilmeginiň 17 ýyllygy mynasybetli Birleşmäniň agzalarynyň sergisi hem-de «Türkmenistanyň geljegine maýa goýumlar» atly halkara forumy geçirilýär. Şeýle-de bu çäreleriň çäklerinde ilkinji gezek döwrebap lybaslaryň halkara moda görkezilişi hem guralar. Munuň özi moda biparh bolmadyk halkara jemgyýetçiliginiň ünsüni «Dizaýn» ugry boýunça ÝUNESKO-nyň döredijilik şäherleriniň sanawyna girizilen Aşgabada gönükdirer.

Moda dünýäsinde ýylyň esasy wakalarynyň birine öwrülmegine garaşylýan bu çärä türkmen we dünýä modasynyň öňdebaryjy dizaýnerleriniň, daşary ýurtlaryň habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň gatnaşmagyna garaşylýar. Husus-da, halkara moda görkezilişiň çäklerinde Türkmenistanyň Dokma ministrliginiň Modalar öýüniň, şeýle-de «Mähirli Zenan», «Jennet tagty», «Mynasyp», «Nagyşly güzer», «Gölli», «Aina Sari», «Aýperi» ýaly modalar öýleriniň dizaýnerleri tarapyndan milli däpleri döwrebap biçüwler bilen utgaşdyrylyp taýýarlanylan lybaslar görkezilişe çykarylar. Şu günler bu dabara aýratyn taýýarlyk görýän türkmen dizaýnerleri özleriniň nepis türkmen keşdeleri bilen bezelen, moda äleminiň iň soňky ýörelgelerinden ugur alnyp taýýarlanylan lybaslaryny daşary ýurtly meşhur dizaýnerleri hem biparh goýmajakdygyny ynam bilen aýdýarlar.

Şeýle-de halkara moda görkezilişinde Italiýanyň, Marokko Patyşalygynyň, Fransiýanyň, Oman Soltanlygynyň öňdebaryjy dizaýnerleriniň toplumlary moda söýüjilere hödürleniler. Aýratyn bellenilmeli tarapy, Aşgabatda geçiriljek bu halkara moda görkezilişi moda dünýäsiniň abraýly neşirleridir teleýaýlymlary tarapyndan giňden şöhlelendiriler. Olaryň hatarynda «Al Arabiya TV», «Al Dubai Arabiya TV», «Fashion TV» teleýaýlymlary, «Vanity Fair», «Vogue», «MARIE CLAIRE ARABIA», «GRAZIA», «HELLO RUSSIA», «ELLE» žurnallary we «FASHION NETWORK» gazeti bar.

Guramaçylyk topary tarapyndan taýýarlanylan ýörite maksatnama esasynda daşary ýurtly myhmanlar ak mermere beslenen türkmen paýtagtynyň gözel künjekleri bilen tanyşmaga hem mümkinçilik alarlar.



Şöhrat SOPYÝEW,
TDMG-niň Ahal welaýaty boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, podpolkownik.

**ÝÜREK BUÝSANJY**

## Täze desga — täze ösüşlere badalga

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda hereket edýän ähli önümçilik ugurly pudaklary bilen bir hatarda gurluşyk we senagat toplumy hem innowasion taýdan düýpli ösdürilýär. Ozalky bar bolan desgalaryňdyr kärhanalaryň durky täzelenýär. Bu bolsa ilkinji nobatda abadan durmuşda ýaşaýan bagtyýar halkymyzyň ýaşaýyş durmuş derejesiniň hasda ýokarlanýandygyny şertlendirýär. Häzirki wagtda ýurdumyzyň gurluşyk we senagat toplumyny diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek boýunça Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan giň gerimli işleri hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýär. Şunda öndürilýän önümleriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga we olaryň görnüşlerini artdyrmaga, gurluşyk senagatynyň önümçilik, ylmy-tehniki binýadyny pugtalandyrmaga aýratyn ähmiýet berilýär.

Ýaňy-ýakynda Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynda gurlan keramiki-bezeg plitalaryny we sanfaýans önümlerini öndürýän Bäherden keramiki önümler kärhanasynyň açylyp ulanylmaga berilmegi hem ýokarda aýdylanlary dolulygyna tassyklaýar. Bu uly desga Türkmenistany senagatlaşdyrmak, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek boýunça döwlet strategiýasynda içerki bazary ýerli çig malyň esasynda öndürilýän gurluşyk serişdeleri bilen üpjün etmäge gönükdirilendir.

Önümçiligiň ýokary derejede alnyp barylmagyna, täze innowasion tehnologiýalar esasynda dünýä standartlaryna doly laýyk gelýän ýokary hilli önümleri öndürmäge niýetlenen döwrebap kärhananyň gurluşygy Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň buýurmasy esasynda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzasy bolan «Eziz doganlar» hususy kärhanasy tarapyndan amala aşyrylandygy hem bellenilmäge mynasypdyr. Kuwwatlylygy bir ýylda 3 million 300 müň inedördül metr keramiki-bezeg plitalaryny we 120 müň sany sanfaýans önümini öndürmäge niýetlenen kärhanada dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň kämil enjamlary ornaşdyryldy. Täze kärhana ýurdumyzda alnyp barylýan gurluşyklary we ilatymyzy ýokary hilli gurluşyk önümleri bilen bökdençsiz üpjün eder. Şeýle hem iri önümçilik desgasy ilatyň iş bilen üpjünçiligine uly goşant goşar.

Ismaýil ÝAKUBOW,
TMÝG-niň Aşgabat şäheriniň Berkararlyk etrap geňeşiniň başlygy.

Aşgabatda geçiriljek halkara moda görkezilişinde Italiýanyň, Marokko Patyşalygynyň, Fransiýanyň, Oman Soltanlygynyň öňdebaryjy dizaýnerleriniň toplumlary moda söýüjilere hödürleniler. Bu çäre moda dünýäsiniň abraýly neşirleridir teleýaýlymlary tarapyndan giňden şöhlelendiriler.

# Şu günleriň gürrüňi



WAGYZ-NESIHAT

## Söwda toplumynda duşuşyk geçirildi



Ýakynda Söwda toplumynyň mejlisler zalynda Aşgabat şäheriniň häkimliginiň guramagynda 2025-nji — Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly şygarynyň many-mazmuny, Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34, hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýylynda ýetilen sepgitler, şeýle-de onuň döwlet ähmiýetini düşündirmek barada söwda toplumynyň işgärleriniň arasynda wagyz-nesihat duşuşygy geçirildi.

Duşuşykda Myrat Garryýew adyndaky Türkmen döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň stomatologiýa okuw önümçilik merkeziniň lukmany, lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty, Aşgabat şäher Halk Maslahatynyň başlygy Gurbannazar Ataýew, Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Aşgabat şäher komitetiniň partiýa guramaçysy Didar Meredow, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň Oba senagat toplumynyň Balykçylyk müdirliginiň oba hojalyk önümçiligi bölüminiň baş hünärmeni, Aşgabat şäher Berkararlyk etrap Halk Maslahatynyň agzasy Mähri Annaýewa, Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň Halkara gatnaşyklary we maglumat seljeriş müdirliginiň başlygynyň orunbasary Kerimberdi Durdyýew çykyş etdiler.

Çykyşlarda Gahryman Arkadagymyzyň dünýä derejesinde parahatçylygy we ynanyşmagy öňe sürmek ugrundaky başlangyçlaryny bu günki gün hormatly Prezidentimiziň mynasyp dowam etdirýändigi, ýurdumyzyň Ýer ýüzünde parahatçylyk söýüjilikli syýasaty alyp barmakda uly işleri amala aşyrýandygy dogrusynda buýsançly gürrüňler edildi. Şeýle hem Garaşsyzlyk we baky Bitaraplyk ýyllarynda eziz Watanymyzyň ýeten belent sepgitleri, ösüşli ýollardaky mynasyp başlangyçlary, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak ugrunda amala aşyrylýan işler barada many-mazmunly çykyşlar edildi.

Duşuşygyň dowamynda oňa gatnaşyjylar tarapyndan ajaýyp durmuşyň, parahat geljegiň sakasynda duran Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden çykýan hoşallyk sözleri beýan edildi.

Gurbanmämmet REJEBOW,
Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň ilkinji demokratik partiýa guramasynyň başlygy, ykdysady ylymlarynyň kandidaty.

GÜMRÜK GULLUGY

## Üstaşyr mümkinçilikler artýar

Hormatly Prezidentimiziň halkara ulag-üstaşyr ulgamyny ösdürmek babatda öňe sürýän beýik başlangyçlary bilen ýurdumyzyň üstaşyr geçirijilik mümkinçilikleri has-da artýar. Muňa Gündogar — Günbatar we Demirgazyk — Günorta ugurlary boýunça ýurdumyzdan üstaşyr geçirilýän ýükleriň möçberleriniň barha artýandygy şaýatlyk edýär. Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy tarapyndan hem ýurdumyzyň gümrük serhediniň üstünden ulaglaryň we harytlaryň geçirilmegini çaltlandyrmaga ýardam berýän şertleri döretmek boýunça işler yzygiderli alnyp barylýar.

Döwletimiziň üstaşyr mümkinçiliklerini has-da artdyrmak, eksport edilýän harytlaryň möçberini ýokarlandyrmak boýunça gümrük edaralarynda mynasyp işler amala aşyrylyp, gümrük nokatlary has-da döwrebaplaşdyrylýar, sanly ulgamyň mümkinçilikleri ornaşdyrylýar. Biz muňa 2024-nji ýylyň tamamlanyp barýan günlerinde durky düýpli täzelenip, açylyp ulanylmaga berlen «Farap awtoýollary» gümrük nokadynyň mysalynda hem aýdyň göz ýetirýäris. Gümrük nokadynda täze binalaryň we desgalaryň gurulmagy hem-de innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy bilen nokadyň üstaşyr geçirijilik mümkinçilikleri has-da artdy. Bu gümrük nokady arkaly geçen awtoulaglaryň müňlerçesi ýurdumyzyň hödürleýän ulag-üstaşyr hyzmatlaryndan peýdalanýan daşary ýurt ýük ulaglarydyr. Daşary ýurtly sürüjiler Türkmenistanyň halkara derejeli daşamalary amala aşyrmak üçin iň amatly merkezleriň biridigini aýratyn nygtaýarlar.

Döwlet gümrük gullugy tarapyndan gümrük işiniň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek, gümrük işinde halkara hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek, döwrebaplaşdyrmak we awtomatlaşdyrmak, gümrük gözegçiligini we gümrük taýdan resmileşdirmegi sanly ulgam arkaly amala aşyrmagy üpjün etmek boýunça hem degişli işler alnyp barylýar. Bu ýurdumyzyň ykdysady howpsuzlygyny üpjün etmekde, döwletimize gelýän we üstaşyr geçýän harytlara gümrük gözegçiligini talabalaýyk alyp barmakda örän ähmiýetli.

Gözegçilik geçiriş ýerlerindäki gümrük nokatlarynda maglumatlaryň we gümrük serhedinden geçirilýän harytlaryň gümrük barlagynyň awtomatlaşdyrylmagy, gümrük gözegçiliginiň we resmileşdirmesiniň döwrebap derejede tiz amala aşyrylmagy ýük daşaýjylar üçin amatly şertleri döredýär.

Toýly ÇARYÝEW,
Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň harby gullukçysy, uly leýtenant.




HALKARA NOWRUZ GÜNÜNE BAGYŞLANDY

## Tegelek stol we sergi geçirildi



Ýakynda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de Milli bahar baýramy — Halkara Nowruz güni mynasybetli «Parahatçylyk we ynanyşmak — durnukly ösüşiň hem-de hoşniýetli hyzmatdaşlygyň baş ýörelgesi» ady bilen «tegelek stol» we sergi geçirildi.

Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň uly mugallymy Arslan Gurbannazarowyň alyp barmagynda geçirilen duşuşygyň barşynda institutyň sanly ykdysadyýet kafedrasynyň uly mugallymy Aýgözel Arlanowa, bank işi kafedrasynyň mugallymy Gülsenem Meredowa, jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň mugallymlary Rejepguly Rejebow, Yslam Begenjow, maliýe kafedrasynyň mugallymy Ilmyrat Ilýasow dagy çykyş etdiler.

Çykyşlarda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda eziz Watanymyzda ýerine ýetirilen ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işler, şeýle hem Milli bahar baýramy — Halkara Nowruz gününiň ýurdumyzda giňden toýlanylyşy, medeni mirasymyz, däp-dessurlarymyz dogrusynda bellenildi. Bitaraplyk syýasatynyň düýp mazmuny giň dünýägaraýyşy, ynsanperwer ýörelgeleri şöhlelendirýär hem-de olaryň esasy maksatlaryny durmuşa geçirýär. Hemişelik Bitaraplygyň 30 ýyllygy hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda parahatçylyk we döredijilik ýoly bilen ynamly öňe barýan Garaşsyz Türkmenistanyň taryhynda şanly senedir. BMG-niň degişli Kararnamalary bilen iki gezek tassyklanan bu hukuk derejesi Watanymyzyň parahatçylygy, sebit we dünýä derejesinde howpsuzlygy, durnuklylygy berkitmegiň netijeli guraly hökmünde özüni görkezdi.

Şöhratmyrat ÇARYÝEW,
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň bank işi kafedrasynyň mugallymy.

BIRŽA SÖWDALARY

## Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň geçen hepdedäki söwdalary



Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynyň geçen hepdedäki söwdalarynda geleşikleriň 24-si hasaba alyndy.

Daşary ýurt walýutasyna Owganystandan, Özbegistandan, Serbiýadan, Hytaýdan we Gyrgyzystandan gelen telekeçiler «Türkmennebit» döwlet konserninde öndürilen suwuklandyrylan gazy, awtobenzini, awiakerosini we nebit bitumyny satyn aldylar. Şeýle-de türkmen telekeçileriniň kärhanalarynda öndürilen buýan köküniň goýaldylan ekstrakty satyldy. Geleşikleriň jemi bahasy 59 million 651 müň 690 amerikan dollaryna deň boldy.

Ýurdumyzyň telekeçileri içerki bazar üçin jemi bahasy 51 million 350 müň manatlyk bolan dürli görnüşli nebit bitumyny satyn aldylar.

TDHÇMB

«HALKARA SÖWDA WE HYZMATLAR» ATLY SERGI-ÝARMARKASY

## Taýýarlyk dowam edýär



Häzirki wagtda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda 2025-nji ýylyň 29-njy aprelinden 1-nji maýyna çenli dowam etjek «Halkara söwda we hyzmatlar» atly sergi-ýarmarkasyna taýýarlyk işleri alnyp barylýar.

Bu iri çäre Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi, Döwlet haryt-çig mal biržasy, Söwda-senagat edarasy hem-de Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi tarapyndan guralýar. Forumyň esasy maksady ýurdumyzyň we daşary ýurtly işewürleriň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmekden, söwda, hyzmat we logistika pudaklarynda täze mümkinçilikleri döretmekden ybaratdyr. Şonuň üçin hem bu sergi-ýarmarkasy ýurdumyzyň ykdysady mümkinçiliklerini açyp görkezmek üçin möhüm meýdança bolup çykyş eder.

«Halkara söwda we hyzmatlar» atly sergi-ýarmarkasy işewürlik gurşawyny ösdürmekde möhüm ädimleriň biri bolmak bilen, ähli gyzyklanma bildirýän taraplar oňa gatnaşmaga çagyrylýar.

Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň Metbugat gullugy.

Şu gün, 17-nji martda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň döredilmeginiň 17 ýyllygy mynasybetli sergi hem-de «Türkmenistanyň geljegine maýa goýumlar» atly halkara forum öz işine başlady.

# Önümçilik we söwda



## Bal süýji, baldan-da «Balam» süýji

**2025-nji ýylyň 3 — 7-nji fewraly aralygynda Russiýa Federasiýasynyň Moskwa şäherinde azyk, konditer önümlerine bagyşlanan «Prodekspo — 2025» atly halkara sergisi geçirildi. Sergä dünýäniň 36 ýurdundan 1835 kompaniýa gatnaşdy. Şol sanda Türkmenistandan telekeçi Amandursun Begjanowa «Balam» haryt nyşanly konditer önümleri bilen gatnaşdy hem-de serginiň çäklerinde geçirilen bäsleşik esasynda «Ýylyň iň gowy önümi» baýragyna, ýagny altyn medala eýe boldy. Biz hem hut şu mynasybetli «Balam» kärhanasynyň wekili Jennet Hydyrowa bilen gürrüňdeş bolmagy makul bildik.**

***— Ilki bilen, siziň kärhanaňyzy halkara baýragyna mynasyp bolmagy bilen ýürekden gutlaýarys. Bilşimize görä, bu siziň ilkinji ýeňşiňiz däl.***

— Köp sag boluň, dogry aýdýarsyňyz, biz eziz Watanymyza eýýäm üçünji gezek altyn medal getirýäris. 2023-nji ýyldan bäri biz «Prodekspo» halkara sergisine yzygiderli gatnaşyp gelýäris we her ýyl hem ýeňiş bilen dolanýarys. Geçen ýyl biz 5 altyn medala mynasyp bolduk. Onlarça döwletden gelen konditer önümleriniň ussatlaryndan saýlanypseçilmek, ýeňijiler yglan edilende Türkmenistanyň adyny ýaňlandyrmak biziň üçin uly buýsanç.

***— «Balaly öý — bazar» diýlipdir, ýogsa-da «Balam» haçan bazara çykdy?***

— «Balam» haryt nyşanly konditer önümleri kärhanamyz 2016-njy ýylda maşgala işi hökmünde döredildi. Ilki diňe çaga oýunjaklaryny öndürýärdik. Soňra çörek we bulka, konditer önümlerini öndürmäge ýöriteleşdik. Häzirki wagtda bu önümlerimiziň halk içinde uly islegden peýdalanmagy netijesinde işimizi giň gerimde alyp barýarys.

***— Kärhanaňyza «Balam» adyny saýlap-seçmegiňiziň sebäbi hakynda aýdaýsaňyz?***

— «Bal süýji, baldan-da bala» diýilýär. Şonuň üçinem, baldan süýji tagamlarymyzy, «balam» diýen iň şirin söz bilen baglanyşdyrdyk.

***— Önümleriňiziň köpüsi milli atlary bilen ünsüňi özüne çekýär. Ady önümiňize görä saýlap-seçýärsiňizmi ýa-da ada görä önüm taýýarlaýarsyňyzmy?***

— Gyzykly sowal. Bitaraplyk baýramçylygymyza bagyşlap öndüren önümimize «Bitaraplyk», Nowruz baýramyna taýýarlan epmämizi «Nowruz» diýip atlandyrdyk. «Garagum» kökämiz bolsa owranýan köke bolany üçin, esasy düzümine görä adyna eýe boldy.

***— «Eşiden deň bolmaz, gören göz bilen» diýilýär. «Prodekspo — 2025» halkara sergä gatnaşan gaýry ýurtly myhmanlar önümleriňizi dadyp görüp, nähili baha berdiler?***

— Sergä gelenler künjüli griläžymyzy dadyp, «Aperin, munuň tagamlydygyny, biz beýle üýtgeşik datly önüme ilkinji gezek gelýäris» diýýärler. Sebäbi biziň halkymyz künjüden tagamy aýratyn gowy görýär. Biziň griläžymyz hem



şol tagama juda meňzeş. Biz muny şol künjüli tagamdan ylham alyp döretdik diýsegem bolýar. Süleden taýýarlanan kökämiz üçin bolsa: «Bäh, bu tagam bize çagalygymyzy ýatlatdy» diýip, sagbolsun aýdýarlar. Olar biziň myhmansöýerligimize haýran galýarlar. Sebäbi sergide milli däp-dessurlarymyza eýerip, diwarlygymyza gelenlere gök çaý bilen naz-nygmatlarymyzy hödürleýäris.

***— Halkara sergide diňe tagamlaryňyzy däl, eýsem, milliligimizi, edim-gylymlarymyzy hem dünýä görkezýändigiňiz juda guwandyryjy. Şeýle halkara sergilere gatnaşmagyňyz daşarky bazarlarda konditer önümleriňiziň hyrydarlarynyň artmagyna nähili täsir edýär?***

— Ýurdumyzda hem daşary ýurtlarda guralýan halkara sergilerine gatnaşmagymyz bilen «Balam» haryt nyşanly önümlerimiziň halkara bazarynda mynasyp ornuny tapandygyny buýsanç bilen aýdyp bileris. Häzirki wagtda kärhanamyzyň ýokary hilli önümleri Russiýa Federasiýasyna, Özbegistana, Gazagystana hem-de Täjigistana eksport edilýär. «Prodexpo» sergisi bolsa konditer önümleriniň önümçiligi bilen meşgullanýan kärhananyň bu ugurdaky mümkinçilikleriniň hasda giňemegini şertlendirdi. «Balam» kärhanamyz konditer önümlerini Gruziýa hem-de Azerbaýjana eksport etmek boýunça şertnamalary baglaşdy.

***— Aslynda, türkmen gelin-gyzlarymyz gatlaklynyň ussady. Siz konditer önümleriňizde hem epmeli görnüşlere aýratyn üns berýän ekeniňiz.***

— Sebäbi epmeli görnüşler adaty süýjüliklere, biskiwitlere garanyňda, uzak möhletläp tagamyny saklaýar. Biziň ene-mamalarymyzyň ýörite uzak möhlete saklanmaga ukyply çörekleri taýýarlaýşy ýaly, epmeler 12 aýa çenli möhletli bolup, toý saçaklaryny bezemek üçin islendik pursatda dadyňa ýetişýär.

***— Özüňiz haýsy önümiňizi aýratyn gowy görýärsiňiz?***

— Hemmesini gowy görýärin. Ýöne her ertirligimde şokoladly kurasan hökman bolaýmaly. Gyzgynjak wagty böleniňde, içiniň şokolady eräp, şeýle bir lezzetli bolýar. Onsoňam, biziň öndürýän ýarym taýýar hamyr önümlerimiz üçin zenanlarymyz mydama hoşallyklaryny bildirýärler. Sebäbi myhmanmediwan gelende ýa işden gyssagly gelip, aşhana geçeniňde, taýýarjak gatlakly hamyryň bolmagy işiňi ýeňilleşdirýär.

***— Üýtgeşik tagamlaryňyzyň awtory kimler?***

— Biziň aglabasy gelin-gyzlardan ybarat bolan örän başarnykly tehnologlarymyz bar. Iň guwandyryjy ýeri, olar Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň Söwda-kooperatiw mekdebiniň uçurymlary. Olar ilki bizde işläp, işiň juda gyzyklydygyna göz ýetirip, jemgyýetçilik iýmitiniň önümleriniň tehnologiýasy ugrundan bu mekdebe okuwa girdiler. Häzirki wagtda bolsa yhlaslaryny gaýgyrman zähmet çekýärler. Umuman, biziň kärhanamyz 200-den gowrak adamyň agzibirlikde çekýän zähmetiniň gaýnap-joşýan ýeri.

***— Siziň pikiriňizçe üstünligiň syry nämede?***

— Üstünligiň baş sebäbi Milli Liderimiziň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň telekeçiler üçin döredip berýän giň mümkinçiliklerinde jemlenýär. Yhlasly zähmet, Watana söýgi, hormatly Prezidentimiziň ynamyny ödemek üçin agzybirlikde topar bolup işleşmegi başarmak hem rowaçlyga iterýär.

***— Häzirki zaman konditer bazaryny näme tapawutlandyrýar? Konditer kärhanasy haýsy talaplary berjaý etmeli?***

— Elbetde, esasy talap baha bilen hiliň arasyndaky deňagramlylykmyka diýip pikir edýärin. Ýokary hil, datly tagam, elýeterli baha — müşderiniň islegini kanagatlandyrmak üçin esasy zerurlyk. Şeýle-de görnüşleriň bollugy hem örän ähmiýetli. Mysal üçin, biz çörek we bulka önümleriniň birnäçe görnüşinden daşgary, ýarymaý, gelin barmak, balykgulak, alaja, näzli, huruşly köke ýaly görnüşleri hem öndürip içerki bazarlara çykarýarys. Şeýle-de kurasan we ýarym taýýar doňdurylan hamyrlary, şokolad pastasyny, kibirdeýän taýajyklary hem öndürýäris. Konditer önümleri kärhanasynyň işi juda lezzetli. Sebäbi biz datly tagamlar bilen naz-nygmatly desterhana lezzet goşýarys, toý saçaklaryny bezeýäris. Ynsanlaryň süýji günlerine süýjülik bilen goşant goşmak aýratyn ýakymly.

Hut şonuň üçinem döredip berýän mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsun aýdýarys.

***— Aýdanyňyz gelsin! Gahryman Arkadagymyzyň aýdyşy ýaly, siziň konditer önümleriňiz çaý başynyň melhemi hem ylhamy bolsun!***

Söhbetdeş bolan: **Gülnabat BEGENJOWA,**
Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň
Metbugat gullugy bölüminiň başlygy.

## Bitaraplyk ýyllarynda Watanymyzyň ykdysadyýetiniň sazlaşykly ösüşi

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda hemişelik Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik we hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasatyny durmuşa geçirýän Türkmenistanyň milli ykdysadyýeti barha ösýär. Mähriban ýurdumyzyň beýik ösüşleri, ykdysady kuwwaty halkymyzyň abadan durmuşyna, bagtyýarlygyna gönükdirilýär. Şeýle hem geljegimiziň has-da ösüşli bolmagyny, döwrebap mümkinçilikleriň döredilmegini nazara alýar.

Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesi ýurdumyzda parahatçylykly daşary syýasaty alyp barmakda, onuň sebitdäki, bütin dünýädäki ýurtlar bilen dostlukly, özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmekde giň mümkinçiliklere ýol açýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe toý-baýramlara beslenýän ajaýyp Diýarymyz Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasyndaky günler ýatdan çykmajak uly tutuma beslenen taryhy wakalar bilen gurşaldy. Toý-baýramlar her bir ynsanyň ýürek buýsanjyny goşalandyrýan bolsa, ýurdumyzda amala aşyrylýan tutumly işler il-günümizi ýagty ertire alyp barýar. Häzirki wagtda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy» üstünlikli durmuşa geçirilýär. Täze maksatnamada ykdysadyýetiň ähli ugurlary aýdyň beýan edilýär, möhüm maksatlar öňde goýulýar. Berkarar Watanymyzda gazanylýan uly üstünlikler, ýetilýän täze sepgitler hormatly Prezidentimiziň beýik işleriniň, durmuşa geçirilýän belent maksatlaryň rowaçlanýandygyny görkezdi. Gazanylan beýik ösüşler ýurdumyzyň aýdyň ýollardan barýandygyny we röwşen geljeginiň hasda ösüşlidigini dünýä aýan etdi. Döwür öňe tarap barýar, durmuş ösýär, özgerýär, täze sepgitlere eýe bolýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda gazanylýan beýik ösüşler buýsançly wakalar bolup kalba dolýar.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dürli pudaklaryna täze innowasion tehnologiýalary, şol sanda sanly tehnologiýalary ornaşdyryp, elektron resminamalar dolanyşygyna hem-de elektron şahsyýetnamalar ulgamyna geçmek, bäsdeşlige ukyply sanly ykdysadyýeti, sazlaşykly işleýän elektron senagatyny döretmek, sanly aragatnaşyk babatynda şäherleriň we obalaryň arasyndaky tapawudy aradan aýyrmak wezipelerini öňe sürýär. Öňde goýlan bu wezipeler maglumat-aragatnaşyk, şol sanda internet hyzmatlarynyň hiliniň we ygtybarlylygynyň ýokarlandyrylmagyny, maglumat-aragatnaşyk üpjünçilik ulgamynyň ösdürilmegini, adamyň aň-bilim mümkinçilikleriniň doly derejede ulanylmagyny talap edýär.

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan parasatly syýasaty netijesinde milli ykdysadyýetimizi hasda ösdürmek üçin we döwrebaplaşdyrmak üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Ykdysadyýet ähli pudaklaryň ösüşini we möhüm ugurlaryny özünde jemleýär, çünki ösüşiň ýokarylygy ykdysadyýetiň kuwwatlylygy bilen berk baglanyşdyrylýar. Şonuň üçin hem milli ykdysadyýetimizi ösdürmegiň ähli ugurlary ylmy esasda öwrenilýär we giňden durmuşa ornaşdyrylýar. Bu bolsa ösüşiň depginini, işleriň kämilligini has-da ýokarlandyrýar. Häzirki döwürde ýaşlar hakynda uly aladalar edilýär. Şeýle beýik işleriň alnyp barylýandygyna hormatly Prezidentimiziň parasatly sözlerinden hem aýdyň göz ýetirmek bolýar. Hormatly Prezidentimiz şeýle belleýär: «Milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek, ýokary ylmy mümkinçiligi bolan giň gözýetimli, maksada okgunly, innowasion tehnologiýalary dolandyrmaga ukyply, ýokary hünärli, taýýarlykly ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek boýunça ähli tagallalar ediler».

Bu günki gün Türkmenistan döwletimiz agzybirlikde hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk şanly toýuny giňden belleýär. Bu baýram döwletimiziň we halkymyzyň parahatçylyk, dostanalyk we ynsanperwerlik ýörelgelerine ygrarlydygyny doly açyp görkezýär. Toýlary toýa ulaşýan ýurdumyzda bagtyýar ömür sürýän ildeşlerimiz Gahryman Arkadagymyzyň janynyň sag, ömrüniň uzak bolmagy barada ýagty arzuwlary dillerinde sena edinip, döwlet Baştutanymyzyň gurmak, döretmek ýoly bilen ýurdumyzy mundan beýläk-de ösüşlere alyp gitmekde halal zähmetleri bilen goşant goşýarlar.

Häzirki wagtda ýurdumyzda milli bähbitleri we dünýä ösüşiniň umumy meýillerini nazara alýan bazar ykdysadyýetiniň öz modelini kemala getirmek we yzygiderli kämilleşdirmek babatda ýokary netijeler gazanyldy. Halkymyzyň bagtyýar durmuşy barada uly tagallalar edýän Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsun aýdýarys.

**Ylham AGAÝEW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet
we dolandyryş institutynyň talyby.

# Bäsdeşlige ukyply ykdysadyýetiň özeni

## ýa-da erkin söwda tertibi barada ykdysady garaýyş

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

Taryh sahypalarynda galan ýazgylar erkin söwda düşünjesiniň XVIII asyrda dörändigini tassyklaýar. Has anygy, görnükli ykdysatçy Adam Smitiň «Halklaryň baýlygy» (1776-njy ýyl) atly eserinde halkara erkin söwdasynyň peýdalary barada jedelli meseleler orta atylýar. Soňra — XIX asyrda milli, sebit, halkara ykdysadyýetiň ösmegine itergi bermek maksady bilen, Beýik Britaniýa döwleti ýurtlaryň arasynda erkin söwda tertibini girizmegi teklip edýär. Şeýlelikde, 1815-nji ýyldan Birinji jahan urşuna çenli ýurtlaryň arasynda erkin söwda tertibi ýokarlanýar, ýöne «uly depressiýa» onuň dünýä ykdysadyýetinde ýene ýok bolmagyna sebäp bolýar.

Bilşimiz ýaly, dünýäniň onlarça döwleti Bütindünýä Söwda Guramasynyň köptaraplaýyn söwda şertnamalarynyň agzalary bolup durýar. Olar import we eksport amallaryny tertibe salyp, ýygymlary birtaraplaýyn azaldyp, iki we köptaraplaýyn erkin söwda şertnamalaryny baglaşyp bilýärler. Soňky döwürde Ýewropa ykdysady sebiti, günorta ýurtlarynyň bazarlary öz aralarynda we dünýäniň beýleki ýurtlarynyň arasynda erkin söwda tertibini ýola goýýarlar. Çünki erkin söwda ýurtlara harytlary, hyzmatlary nyrh ýa-da beýleki päsgelçiliksiz import we eksport etmäge mümkinçilik döredýär. Şeýle-de gümrük amallarynyň ýeňilleşmegine, harytlaryň bahalarynyň arzanlamagyna, iş orunlarynyň döremegine, aýlyk haklarynyň ýokarlanmagyna şert döredýär. Bu tertibe eýerýän ýurtlar soňky onýyllyklaryň dowamynda durmuş-ykdysady ýagdaýlaryny gowulandyrýan, nyrh we hil babatda bäsdeşlige ukyply bolan harytlary import we eksport etmekleriniň netijesinde uly girdeji gazanyp gelýärler. Mysal üçin, Arap aýlagy ýurtlarynyň ykdysadyýetiniň ösüşi nebit önümlerini we çig maly dünýä bazaryna çykarmaga bagly bolan möhüm halkara söwda merkezi hasaplanýar. Nebit we gazdan soň, himiýa we nebithimiýa senagaty sebitde ikinji orunda durýar we Aýlag hyzmatdaşlyk geňeşiniň ykdysadyýetinde möhüm orun eýeleýär. Erkin söwda tertibiniň netijesinde, 2021-nji ýylyň jemleri boýunça sebitiň himiýa senagatynyň söwda akymynyň gymmaty 88,6 milliard amerikan dollaryna, eksporty bolsa 68,6 milliard amerikan dollaryna deň boldy. Şol bir wagtyň özünde, erkin söwda diňe şu pudagyň özünde 210 müňden gowrak iş ornunyň döremegine itergi boldy.

Soňky wagtda erkin söwda şertnamalary Awstraliýanyň ykdysadyýetinde hem uly orun eýeleýär. Ýurduň dowamly ykdysady ösüşiniň möhüm guralyna öwrülen erkin söwda täze iş orunlarynyň döremegine, söwda we maýa goýum arkaly iri we kiçi kärhanalaryň ösmegine mümkinçilik döredýär. Bu günki günde Awstraliýa 30 ykdysadyýet bilen 18 sany erkin söwda şertnamasy arkaly hyzmatdaşlyk alyp barýar. Şeýle-de täze ikitaraplaýyn we sebitleýin erkin söwda şertnamalaryny durmuşa geçirmek maksady bilen birnäçe gepleşikleri geçirýär.

**Soňky döwürde Ýewropa ykdysady sebiti, günorta ýurtlarynyň bazarlary öz aralarynda we dünýäniň beýleki ýurtlarynyň arasynda erkin söwda tertibini ýola goýýarlar. Çünki erkin söwda ýurtlara harytlary, hyzmatlary nyrh ýa-da beýleki päsgelçiliksiz import we eksport etmäge mümkinçilik döredýär.**

**Häzirki wagtda Amerikanyň Birleşen Ştatlary 20 ýurt bilen 14 sany erkin söwda şertnamasy esasynda hyzmatdaşlyk saklaýar. Bu şertnamalar nol ýa-da arzanladylan nyrhlar we beýleki düzgünler arkaly dünýä bazaryna has aňsat girmäge we bäsdeşlik esasynda söwdasynyň ýokarlanmagyna ýardam edýär.**



Amerikanyň Birleşen Ştatlary üçin erkin söwda şertnamalarynyň esasy maksady ýurduň eksportyndaky päsgelçilikleri azaltmak, daşary ýurt bazarlarynda bäsleşýän harytlarynyň bähbitlerini goramak we erkin söwda şertnamasy esasynda hyzmatdaşlyk saklaýan ýurtlarynda bazar hukuklaryny ýokarlandyrmak bolup durýar. Häzirki wagtda Amerikanyň Birleşen Ştatlary 20 ýurt bilen 14 sany erkin söwda şertnamasy esasynda hyzmatdaşlyk saklaýar. Bu şertnamalar nol ýa-da arzanladylan nyrhlar we beýleki düzgünler arkaly dünýä bazaryna has aňsat girmäge we bäsdeşlik esasynda söwdasynyň ýokarlanmagyna ýardam edýär. Her erkin söwda şertnamasynyň aýratynlyklary dürli-dürli bolsa-da, adatça, olar söwda päsgelçilikleriniň azalmagyny hem-de aç-açan söwda we maýa goýum gurşawynyň döredilmegini üpjün edýär.

Kompaniýalaryň önümlerini we hyzmatlaryny hyzmatdaş bazarlaryna eksport etmegini aňsatlaşdyrýar hem-de arzanlaşdyrýar.

Mälim bolşy ýaly, 2024-nji ýylyň 16-njy iýulynda «Özbegistan bilen Türkmenistanyň Hökümetleriniň arasynda uzakmöhletleýin söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary hakynda Ylalaşygyň erkin söwda tertibinden çykgytlary hakyndaky» Teswirnama gol çekildi. Iki tarapyň ýerine ýetirmeginde tamamlanan zerur işleriň netijesinde Türkmenistan bilen Özbegistanyň arasynda şu ýylyň 25-nji fewralyndan başlap erkin söwda tertibi ýola goýuldy.

Özbegistanyň Maýa goýumlar, senagat we söwda ministrliginiň metbugat gullugynyň habar bermegine görä, erkin söwda tertibiniň işe girizilmeginiň netijesinde türkmen-özbek özara söwda gatnaşyklaryndaky çäklendirmeler aradan aýryldy, söwda amallary ýeňilleşdirildi, şeýle-de iki ýurtda öndürilen harytlara, şol sanda Özbegistandan türkmen bazaryna eksport edilýän sement önümleri, dokma matalary, mebel, aýna gaplar, suw gyzdyryjy gazanlar, plastik we polipropilen önümleri, şöhlat we et önümleri, pagta ýagy üçin gümrük paçlary azaldyldy ýa-da ýatyryldy.

2025-nji ýylyň 27-nji ýanwarynda Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň Karary bilen tassyklanan erkin söwdany amala aşyrmak hakyndaky Teswirnama geljekde iki ýurduň arasyndaky maýa goýum, senagat hyzmatdaşlygyny ösdürmek we özara söwda dolanyşygynyň möçberini artdyrmaga uly itergi berer.

Ýeri gelende aýtsak, geçen ýylyň ýanwar — dekabr aýlarynda iki ýurduň arasyndaky söwda dolanyşygy 1 milliard 148,2 million amerikan dollaryna barabar boldy. Bu görkeziji 2023-nji ýylda 1 milliard 95,6 million amerikan dollaryna deň bolupdy. Häzirki wagtda Türkmenistan goňşy ýurduň daşary söwda hyzmatdaşlarynyň arasynda ýedinjiligi eýeleýär.

Internet maglumatlary esasynda taýýarlan:
**Jahantäç ÖWEZOWA,**
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň halkara žurnalistikasy fakultetiniň talyby, «Biznes reklama».

Görnükli ykdysatçy Adam Smitiň «Halklaryň baýlygy» (1776-njy ýyl) atly eserinde halkara erkin söwdasynyň peýdalary barada jedelli meseleler orta atylýar. Soňra — XIX asyrda milli, sebit, halkara ykdysadyýetiň ösmegine itergi bermek maksady bilen, Beýik Britaniýa döwleti ýurtlaryň arasynda erkin söwda tertibini girizmegi teklip edýär.

# Önümçilik we söwda



# Altyn beren alkyşlanar



Altyn — bu söz uly-kiçiniň gulagyna ýakymly bolup eşidilýär. Asyrlarboýy gymmadyny ýitirmeýän bu element adamzadyň durmuşynda möhüm ähmiýete eýedir. Bu gymmatly metal gadymy döwürlerden bäri, dolandyryş serişdesi bolup, ol häzirki wagta çenli, baýlyk ölçegi hökmünde ulanylyp gelinýär. Şeýle-de altyn ýurtlaryň maliýe düzüminiň esasy bölegi bolup, ony köp halatda ätiýaçlyk gory hökmünde kabul edýärler. Altyn diňe bir pul serişdesi bolman, eýsem, ol adamzadyň taryhynda ruhy we medeni taýdan-da uly orny bolan gymmatly metaldyr. Degişli hünärmenler altynyň eýesine soňsuz baglanýandygy, ruhy taýdan oňa uly yhlasyň siňdirilýändigi, şeýle hem adamda döreýän ruhuçökgünligi bejerijilik ukybynyň bardygy barada belleýärler.



Altyn asyrlarboýy moda dünýäsinde hem ornuny pugtalandyrdy. Zenanlar tarapyndan iň eý görülýän haryt hökmünde kabul edilýän bu metal adamlaryň arasynda şaý-sep görnüşinde ornaşdy. Gadymy döwürlerde ussat zergärler tarapyndan zenanlary bezemek, olaryň gözelligine gözellik goşmak üçin döredidilen şaý-sepleriň önümçiligi häzirki wagtda uly-uly kompaniýalar tarapyndan hem amala aşyrylýar. Eýsem, häzirki zaman jemgyýetiň şaý-seplere bolan ösen islegini haýsy meşhur brendler kanagatlandyrýarka? Bular barada bilmek gyzykly bolsa gerek?!

VCA
Van Cleef & Arpels

**«Tiffany & Co.»** — önümleriniň ajaýyp dizaýny bilen belli kompaniýa dünýädäki meşhur markaly şaý-sepleri öndürijileriň biridir. Onuň önümleri ilkinji gezek Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Nýu-Ýork şäherinde 1837-nji ýylda «Tiffany, Young & Ellis» dükany tarapyndan satylyp başlady. Soňra «Tiffany & Co.» zynjyrlar topary Londona we Pariže çenli ýetdi.

TIFFANY & CO.

«Tiffany» markasy diýlip hödürlenilýän önümleriň hataryna altyn, göwher, kümüş we ş.m. şaý-sepler girýär. Bu markaly önümler amerikan ýyldyzlarynyň iň söýgüli harydydygy hakyndaky maglumatlar kompaniýanyň websaýtynda buýsanç bilen bellenilýär. Zergärçilik pudagy kompaniýanyň girdejisiniň 90 göterimden gowragyny emele getirýän hem bolsa, sagatlar, aksessuarlar we atyrlar ýaly beýleki önümler kompaniýanyň arassa satuwynyň 10 göteriminden hem az bölegini tutýar.



**«Van Cleef & Arpels»** — Ýewropa stilinde şaý-sepleri öndürmek bilen meşgullanýan fransuz kompaniýasy 1896-njy ýylda ýerli maşgala tarapyndan esaslandyrylýar. Önümleriň dizaýny gadymy fransuz taryhyna, geçmişdäki hadysalara esaslanyp döredilýär. Aýratyn-da, ýewropaly zenanlaryň söýgüsini gazanan bu brend bilen ýüzükleriň, gulakhalkalaryň, monjuklaryňdyr bilezikleriň ýüzlerçe görnüşi öndürilýär. Kompaniýada önümleri islendik ýurda satmak üçin internet sahypalaryň üsti bilen dürli ýeňilliklerdir mümkinçilikler döredilendir.




Altyn arzysyz galmaz.

Altyn çykan ýerinde gymmat.

Altyn görüp azma, kümüş görüp gyzma.

Altyn kiçi hem bolsa, bahasy gymmat.

Altyn otda bilner, adam — zähmetde.




Zergärçilik babatynda ýene-de bir meşhur fransuz kompaniýasynyň önümleriniň biri bolan «Cartier» brendidir. Bu markanyň aýratyn tapawutly ýeri şaý-sepleriň elde ýasalmagydyr. «Cartier» brendi bilen esasan-da, bilezikler we sagatlar hödürlenilýär.

Cartier

**«Bulgari»** — merkezi edarasy Italiýanyň Rim şäherinde ýerleşýän bu kompaniýa 2011-nji ýylda «LVMH» kompaniýasy tarapyndan satyn alyndy. Nusgawy äheňde döredilýän «Bulgari» haryt nyşanly şaý-sepler dünýä bazarynda ornuny pugtalandyrdy.



BVLGARI

Dizaýny kaşaň we nusgawy usulda alnyp barylýan önümleri Ýer ýüzüniň ähli ýerinden tapmak bolýar. Maglumat üçin belläp geçsek, «LVMH» kompaniýalar toparynyň düzümine degişli dünýäde 6 müňden gowrak dükan hereket edýär.

«Bulgari» haryt nyşanly özüne çekiji ýokary hilli şaý-sepler häzirki zaman jemgyýetiniň, esasan-da, ýaşlaryň söýgüli brendidir.

Biri-birinden hili, dizaýny, görnüşleri taýdan tapawutlanýan altyn,



kümüş we beýleki gymmat metallardan öndürýän önümleri bilen dünýäde meşhurlygy gazanan kompaniýalar başga-da kän. Ýeri gelende, şeýle kompaniýalaryň önümçiligindäki çig malyň gazylyp alynýan käbir ýerleri barada hem belläp geçeliň.

**«Newmont»** — Kolorado ştatynda ýerleşýän Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň iň uly altyn gazyp alýan kompaniýasydyr. Şol bir wagtda dünýädäki iň uly altyn gazyp alýan korporasiýadyr. 1921-nji ýylda döredilen kompaniýanyň ABŞ-da, Kanadada, Meksikada, Dominikan Respublikasynda, Awstraliýada, Ganada, Argentinada, Peruda we Surinamda altyn känleri bar. Bu kompaniýa altyndan başga-da, mis, kümüş, sink we gurşun ýaly magdanlary gazyp alýar. Kompaniýanyň ýylyň dowamynda 5,5 million unsiýa töweregi altyn öndürmegi onuň dünýäde altyn öndürmek boýunça öňdäki orunlarda bolmagyny üpjün edýär.

**«Navoi Mining»** — Özbegistanda altyn önümçiliginiň baý taryhyna eýe bolan iň uly senagat kompaniýasydyr. Şeýle hem dünýäniň altyn öndürijileriniň sanawynyň onlugyna girýär. Kompaniýanyň iň uly altyn magdan ýatagy Gyzylgum çölünde ýerleşýär. 2023-nji ýylda «Navoi Mining and Metallurgical» kompaniýasy tarapyndan 2,9 million unsiýadan gowrak altyn tabşyryldy.

NKMK
Navoiy Kon-Metallurgiya Kombinati

Umuman, Ýer ýüzündäki altyn gorlara baý bolan döwletlere Russiýa Federasiýasy, Hytaý Halk Respublikasy, Awstraliýa, Günorta Afrika, Gazagystan, ABŞ-nyň Alýaska we Kaliforniýa ştatlary, Hindistan ýaly ýurtlar girýär.



Maglumat üçin belläp geçsek, Bütindünýä Altyn Guramasynyň deslapky çaklamalaryna salgylanyp, dünýäniň Merkezi banklarynyň ýanwarda özleriniň altyn pul ätiýaçlyk gorlarynyň möçberlerini artdyrandyklar. Altyny ösýän ýurtlaryň Merkezi banklary has işjeň satyn alýarlar. Ilkinji üçlüge ýanwar aýynda Özbegistan (8,1 tonna satyn aldy), Hytaý (5 tonna) we Gazagystan (3,8 tonna) girdi. Şeýle hem Polşa (3,1 tonna), Hindistan (2,8 tonna), Çehiýa (1,7 tonna), Katar (1,3 tonna) we beýlekiler öz altyn gorlaryny artdyrmagy dowam edýärler.

Sahypany taýýarlan:
Sadap MUHAMOWA, «Biznes reklama».

«Tiffany & Co.» — önümleriniň ajaýyp dizaýny bilen tanalýan kompaniýa dünýädäki meşhur markaly şaý-sepleri öndürijileriň biridir. Bu marka ilkinji gezek Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Nýu-Ýork şäherinde 1837-nji ýylda «Tiffany, Young & Ellis» dükany tarapyndan satylyp başlady. Soňra «Tiffany & Co.» zynjyrlar topary Londona we Pariže çenli uzady.

# Döwür we ösüş

## Söwda maksatly köp neşir edilen kitap

Biziň size ýetirmekçi bolýan maglumatlarymyz häzirki zaman kagyz hem-de elektron neşirlerine degişli däl. Ol iki asyr mundan öň daşbasma usulynda neşir edilip, türki halklaryň arasyna ýaýran eser hakynda. Has dogrusy, XIII asyrda Horezm türkmenleriniň arasynda ýaşan şahyr Alynyň «Kyssaýy Ýusup» poemasy hakynda.

Aly şahyryň 12 bogunly goşuk görnüşindäki «Kyssaýy Ýusup» poemasy 1814-nji ýylda ilkinji gezek Kazan tipografiýasynda neşir edilýär. Alym G.Nazarowyň ýazmagyna görä, şondan soň söwda maksady bilen, bu poema her ýylda diýen ýaly neşir edilipdir. Eser 1915-nji ýyla çenli jemi 80 gezek neşir edilýär. Bu görkeziji biziň häzirki ösen tehnologiýalar zamanymyzda juda az görünmegi mümkin, ýöne gürrüň daşbasma kitaby hakynda.

1839-njy ýylda Kazan uniwersitetiniň tipografiýasynda poema şahyr hem dilçi Utyz Imýaniniň taýýarlan teksti esasynda neşir edilipdir we satylypdyr. 1929-njy ýylda M.Bilalowyň ekspedisiýasy bu poemanyň 1825-nji ýyldaky göçürmesini Tatarystanyň töwereklerinde ele salypdyr. Gündogar metbeçiligi we daşbasma kitaplary bilen içgin gyzyklanýan türkmen alymy A.Ýazberdiýew bu eseriň neşirleri bilen aýratyn gyzyklanypdyr we gymmatly maglumatlary jemläpdir. Duş gelýän bu maglumatlar diýseň pikirlendirýär. Hem-ä eser yzygiderli neşir edilýär, hemem elde kätipler tarapyndan göçürilýär. Bu eseriň beýle näme aýratynlygy barka?

«Eseriň köp ýerlere ýaýramagy onuň mifologik häsiýete eýedigindendir» diýip, tatar alymy J.Almazow ýazýar, ýöne biz oňa başga bir alymyň pikiri bilen jogap bermek isleýäris. Filologiýa ylymlarynyň kandidaty A.Nazarow Alynyň «Kyssaýy Ýusup» eserini türki dilde döredilen ilkinji «Ýusup-Züleýha» hasaplaýar. Ine, bu hakykata juda ýakyn.

Alynyň 1170 — 1235-nji ýyllar aralygynda ýaşap geçendigi çaklanylýar. Şahyryň kakasyna Mir Hoja diýlipdir. Aly Horezmşalar türkmen döwletiniň gülläp ösen döwründe Horezmde bilim alyp, ol ýerde ömrüniň 40 ýylyny geçirip, müderrislik edipdir. Günbatar türki halklarynyň arasynda eseri söwda maksatlarda hem düşewüntlik getirip bilen şahyryň doly adynyň Gul Aly Mir Hoja (käbir ýerlerde Mir Hajy) ogly Kaşany bolma ähtimallygy bar.

Şahyryň adynyň öňünden getirilýän Gul sözi onuň edebi lakamy, Aly öz ady, Mir Hoja (Mir Hajy) kakasynyň ady, Kaşany bolsa nirelidigini aňladýar. Alynyň gul edebi lakamyny almagy Gündogardaky edebi däpler bilen gönüden-göni baglanyşykly. Şahyryň öz ady düşnükli, kakasynyň adynda hem şeýle özgerişler bolup biler. Mir – bu Emir sözüniň gysgalan görnüşi, Hoja bolsa ady bolmagy hem ahmal. Ýeri, nisbesi Kaşan barada nämeleri aýdyp bolarka? Bu barada nireden maglumat ýüze çykdyka? Elbetde, şahyryň

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

öz poemasynyň Sank-Peterburgda saklanylýan golýazmasyndan. Bu golýazmada şeýle setir bar: «Men Kaşany zagyp bende adym Aly». Onuň hakykata ýakynlygy-da belli bir derejede ýokarydyr.

Kaşan şäheriniň ady «Türkmen klassyky edebiýatynyň sözlüginde», Gulibef de Blokwiliň «Türkmenleriňkide ýesirlikde» atly kitabynda, S.Atanyýazowyň ýer-ýurt atlarynyň toponimik sözlüginde duşýar. Kaşan şäheriniň Eýranyň Yspyhan sebitlerinde ýerleşýän bir şäheridigini aýtmak bolar. Şol döwür, ýagny XIII asyryň başynda bu ýerler Horezmşalar türkmen döwletine degişlidi. Şeýle-de bu şäheriň ady türkmen halk dessany «Asly-Kerem» dessanynda gabat gelýär:

*«Durnam, sen gider Kaşana,*
*Garly daglardan aşana».*

Alynyň şägirdi Ibn Hajyp Horezmiň häkimi bolupdyr diýen maglumatlar-da bar. Elbetde, ýurduň merkezindäki belli ylym ojaklarynda okamak, şol ýerlerde zähmet çekmäge galmak ähli döwürlerde hem bolupdyr.

Ýokardaky maglumatlar Alyny Kaşan şäherinden Horezme alyp gitdi. Onda nädip Alynyň 12 bogunly goşuk görnüşinde ýazan poemasy Powolžýede, Kazan sebitlerinde meşhur bolýar? Bu ýerde taryhy wakalary yzarlamaly bolýarys. Aly poemasyna iki gezek ýüzlenipdir. Onuň birinjisi, Horezmde. Ikinjisi bolsa, Günbatarda Kama we Wolga (Itil) derýalarynyň boýunda. Ykbal Alyny Horezmden alyp, Günbatar türki halklarynyň arasyna äkitdi. Muňa, elbetde, şol döwrüň taryhy wakalary, ýagny mongol çozuşlary sebäp bolupdyr. Muhammet Nesewi «Soltan Jelaleddin Meňburunyň ömür beýany» atly kitabynda mongol çozuşlarynda bu sebitiň alymlarynyň köpçülikleýin Nusaýa gaýdanlygyny, soňra-da olaryň Günbatara tarap süýşendigini ýazýar. Alynyň hem şol alymlar bilen Günbatara Wolga derýasynyň ýakalaryna gidenligi düşnükli. Şahyr şonda poema ikinji gezek ýüzlenýär we ony täzeden işleýär. Hasda watansöýüjilik bilen bagly ýerlerine täzeden seredýär. Bu hem poemanyň çeperleşmegine getiripdir. Şonuň üçin golýazmalarda dürli-dürli maglumatlar we biri-birinden üýtgeşik setirler gabat gelýär. Şol taryhy waka-da Alynyň «Kyssaýy Ýusup» poemasynyň Powolžýe, Kazan sebitlerine aralaşmagyna sebäp bolýar.

Netijede, türkmen şahyry Alynyň eseri iki asyr mundan öň, Beýik Ýüpek ýolunyň Günbatar böleginde kitap söwdasynda iň köp satylan kitaplaryň birine öwrülýär. Bu ýagdaý bolsa, Alynyň «Kyssaýy-Ýusup» poemasynyň şol etaplarda köpräk ýaýramagyna we meşhurlyk gazanmagyna sebäp bolupdyr.

Garahanjar BAÝHANOW,
Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gulluk akademiýasynyň diňleýjisi.

## Buýsanjym, barym, begenjim

Patma AMANJAÝEWA,
Gyzylarbat Çeper halyçylyk kärhanasynyň önümhanasynyň müdiri,
Türkmenistanyň at gazanan halyçysy.

Milletimiziň dünýä mirasynyň sanawyna goşulan gymmatlyklarynyň her biriniň kämillik derejesindedigine şaýatlyk edýän zatlar aýyl-saýyl görünýär. Türkmen gelin-gyzlarynyň göz we göwün nuruny siňdirip döreden nepis halylary-da dünýä derejesindäki sungatdyr.

«Türkmenhaly» döwlet birleşiginiň Gyzylarbat çeper halyçylyk kärhanasynyň ussat halyçylary hem gün şuglaly göllerine şeýle yhlas, zehin siňdirip, döredijilikli zähmet çekýärler.

Türkmen halyçylyk senediniň gadymylygyny, ýagny bäş müň ýyl mundan ozal, Türkmenistanda halyçylyk bilen meşgul bolandygy ýurdumyzda geçirilen arheologik gazuw-agtaryş işleriniň netijeleri aýdyň görkezýär.

Tutuş ýurdumyzda bolşy ýaly, biziň welaýatymyz hem halyçylygyň irki döwürden bäri dokalyp gelinýän we ösen sebitleriniň biridir. Gyzylarbat çeper halyçylyk kärhanasynyň eli çeper halyçylary öz dokaýan ajaýyp halylary bilen halkymyza şatlyk paýlap gelýärler. Birnäçe halyçynyň zähmet çekýän bu kärhanasynda dokalýan halylar dürli görnüşli äpet halylardyr. Kärhanada 2011-nji ýylda ulanylmaga berlen täze önümçilik binasy dürli ölçegdäki halylary dokamaklyga mümkinçilik berýär. Gyzylarbat çeper halyçylyk kärhanasynda dokalýan owadan halylar her ýyl Türkmenistanyň Prezidentiniň ygtyýary bilen geçirilýän, bu ýyl «Türkmeniň Altyn asyry» atly bäsleşigine hödürlenýär we olary dokan halyçylar bäsleşigiň ýeňijisi hökmünde



> **Gadymy Merw, Köneürgenç, Dehistan, Şähryslam, Änew, Sarahs, Mäne, Talhatan, Kerki ýaly ýerlerde we beýleki künjeklerdäki binalarda haly nagyşlaryna meňzeş dürli şekillere duş gelmek bolýar. Hatda dürli döwürlerde hem türkmen halysynyň ajaýyplygyna uly baha berlip, görnükli binalaryň bezeg böleklerinde, gelin-gyzlaryň el işlerinde, şaý-seplerinde, küýzelerde türkmen halylarynyň ajaýyp nagyşlary ýerleşdirilipdir.**

Şa serpaýyna mynasyp bolýarlar. Bäsleşige hödürlenen halylaryň hatarynda «Awazanyň kenaryndaky gämi» «Şa mülki» we ýene birnäçe uly halylary görkezmek bolar. Şeýle-de kärhanada dokalan ululy-kiçili halylaryň birnäçesi «Türkmeniň kalby — türkmen halysy» atly bäsleşigiň ýörite baýraklaryna mynasyp boldy. Döwrebap kärhanada Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň ilkinji aýlarynda kärhanamyzda haly we haly önümleriniň birnäçe inedördül metri dokalyp meýilnamalar üstünlikli ýerine ýetirilýär. Kärhanamyzyň halyçylary Gültäç Döwletmyradowa, Aýbölek Babaýewa, Oguljahan Babaýewa, Enegül Taganowa, Bossan Nyýazmyradowa we Körpe Ataýewa «Türkmenistanyň at gazanan halyçysy» diýen hormatly ada eýe boldular.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň halyçylyk sungatyna berýän aýratyn ünsüniň netijesinde halyçylyk senediniň gadymy mekany bolan Balkan welaýatynyň Gyzylarbat çeper halyçylyk kärhanasynyň ussat halyçylary hem bu sungaty barha ösdürýärler. Türkmen halysy — halkymyzyň göz guwanjy, buýsanjy. Hut şeýle bolansoň, haly göllerimiz Döwlet Tugramyzda, Döwlet baýdagymyzda hem mynasyp ornuna eýe boldy. Türkmen milli halyçylyk sungatynyň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi bolsa, halkymyzyň ata-baba dowam edip gelýän halyçylyk sungatynyň dünýä gymmatlygynyň derejesinde ykrar edilmeginiň aýdyň subutnamasydyr.

Milli medeniýetimiziň dünýä ýaýylmagyna giň ýol açýan Milli Liderimiziň hem-de hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary aman bolsun!

Türkmen milli halyçylyk sungatynyň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi halkymyzyň ata-baba dowam edip gelýän halyçylyk sungatynyň dünýä gymmatlygynyň derejesinde ykrar edilmeginiň aýdyň subutnamasydyr.

# Söwda we marketing



TEORIÝA

## Mahabatyň täsir ediş ýollary

(Başlangyjy gazetiň geçen sanlarynda).

**Mahabat tekstleriniň toparlara bölünişi.**

Mahabat tekstlerini gazet, žurnal, teleradio we internet ulgamyndaky tekstlere bölýärler.

Mahabat tekstleriniň toparlara bölünişi mahabaty öwrenmek üçin media alamatlaryndan başga-da HBS boýunça mahabat saklaýja auditoriýanyň göwrümine görä alynmagy, kesgitli metbugat usullary ýa-da auditoriýa ýetýän programmalary, şeýle hem her bir aýry HBS-de mahabatyň metbugat we ýaýlym bahalary ýaly wajyp ýagdaýlar bahalandyrýar. Şeýlelikde, mahabatyň gazetdäki üstünligi az çykdajylar bilen uly auditoriýanyň özüňe çekilmegidir.

Ýörite žurnalda ýerleşdirilen, bellibir okyjylaryň bellibir sanyna niýetlenen mahabat, doly talap edilen auditoriýa ýetýär. Radiodaky mahabat ýokary ýygylygy bilen özünde tutuş auditoriýa ugruny jemleýär. Netijede, telewideniýedäki mahabat köpçülikleýin auditoriýa täsir edip bilijilik mümkinçilikleri bilen has täsirli we gymmat hasaplanýar.




Sýužet ýa-da sahnalaşdyrylan mahabat, köplenç, telewideniýede ulanylýar, çünki telewideniýäniň mümkinçilikleri mahabat manysyny takyk sýužete geçirip sahnalaşdyrýar. Mysal üçin: rus telewideniýesinde bu iňlis şokolady «TVix» (gytyrdaýan goşa TViks) mahabatlarynda ulanylandyr.

Meşhur adamlaryň gatnaşmagyndaky mahabatyň aragatnaşyk baş ýörelgesi, alyjylar üçin ýyldyzlaryň haryt hili baradaky şaýatlygyna, şeýle hem ol ýa-da beýleki abraýly şekile öýkünmekligine esaslanandyr. Mysal üçin, «Jeýms Bonduň roluny ýerine ýetirýän edermen Pirs Brosnanna meňzejek bolsaň, gymmat şweýsar «Omega» sagadyny dakynyň». Beýle mahabatyň terjimesi, bu sagatlaryň mahabaty edilen ýurtlardaky köpçülikleýin alyjylaryň milli aýratynlyklaryny göz öňünde tutmalydyr. Ýönekeý alyjynyň şaýatlyk etmeginde esaslandyrylan mahabat hem esasy mahabat tekstiniň düzülmegi üçin täsirlidir we ol, köplenç, aragatnaşygyň baş ýörelgesi hökmünde ulanylýar.

**Mahabatyň täsir ediş ýollary.** Allegoriýa, metafora, deňeşdirme, parallellik, gaýtalamanyň dürli görnüşleri, alliterasiýa, işligiň buýruk görnüşiniň jemlenmesi we duýguly sypatlar — bularyň ählisi mahabat tekstlerinde giňden peýdalanylýar. Mysal üçin, iňlis awtory D.Daýer mahabat diliniň aýratynlyklaryny şeýle häsiýetlendirýär:

– Hakykatda, mahabat tekstleriniň köpüsi metaforadyr. Mysal üçin, Ç.Çaplinde «Täze zamanda» metafora «Bagtyň gözleginde ylgaýan ýeke-täk ukyp we adamçylyk barada hekaýat» sözbaşyly filmiň adynda jemlenendir.

Deňeşdirmäniň emeli synpyny döredýän mahabat, bolup biljek alyjynyň aňynda diňe deňeşdirilýän wagtynda derwaýyslaşýar we mahabatlandyrylýan harydyň hakyky bäsdeşleri bolan markalary «ýatdan çykardýar». Beýle usullaryň güýji-de şondadyr we mahabat tekstiniň terjimesinde ol göz öňünde tutulýar. Onda-da, deňeşdirmäniň emeli synpyny döretmek hakykatyň aşagyndaky gizlinlik, sypaýy deňeşdirmedir. Beýle mahabatda biz etiki we hakyky baha bermä degişli bolan dil hilesiniň usullaryny görýäris.

Köp halatlarda deňeşdirme dil hile gurmasynyň ulgamy bolýar. Dil hilesi diliň aýratynlyklarynyň we gepleýän ugrunda gerekli kabul edijä gizlin täsir etmek maksady bilen onuň ýörelgeleriniň ulanylmagydyr; gizlin, kabul ediji tarapyndan akyl ýetirilmeýän diýmekdir.

Beýle ýagdaýda, dil hilesini öwrenijileriň biri R.Blakaryň belleýşi ýaly, «Dil sosial hökümetiň guraly hökmünde ulanylýar». Munuň bilen baglylykda, telewideniýäniň wideosy görnüşdäki daýhanyň hiç hili süýt bermeýän sygry bazarda satyşy görkeziji bolup hyzmat edýär. «Sygyr näçeräk süýt berýär?» diýen sowala, ol: «Biz heniz süýt görmedik» diýip, dogruçyl jogap beripdir. Elbetde, bu sygry hiç kim satyn almandyr. Ol satyja «mahabat» etmegiň inçe syrlaryny bilýän adam kömege gelipdir. Şol bir soraga ol başgaça jogap tapypdyr: «Bir günde sagyp hem gutaryp bilmersiň, eliň ýadar» diýipdir.

Ol şol bir wagtyň özünde hem hakykaty aýdypdyr, hem aldapdyr. Onuň aýdan hakykatyny eýesiniň jogaby ýaly, «Näçe sagsaň-da,süýt çykmaz» diýen manyda düşünmek bolýar. Şonuň bilen birlikde, ol bilgeşleýin sözlemi başgaça düşüniler ýaly edip düzüpdir: «Sygyr şeýle bir köp süýt berýär welin, ony günüň dowamynda-da sagyp gutarar ýaly däl». Bu hem dil hilesiniň adaty usullarynyň biri bolan sözlemiň köpmanylylygyny ulanmakdyr. «Alyjylar» bu ýerde hiç zada şübhelenmän, teklip edilýän sygry örän amatly hasaplapdyrlar. Diliň hilesi, köplenç, adamyň gyssagly netije çykarmagyna itergi berýär. Mahabata bolan ynamsyzlyga garamazdan, adamlar käwagtlar dürli mahabat mekirliklerine aldanýarlar.

*(Dowamy gazetiň indiki sanynda).*

Agamyrat MÄMMEDOW, «Mahabatyň esaslary».

## Karşering – ýaşyl ykdysadyýetiň wajyp guraly

(Başlangyjy gazetiň geçen sanynda).



Karşering hyzmaty awtoulagy birnäçe sagatlyk kärendesine almak isleýän müşderiler üçin niýetlenilýär. Diýmek, müşderi awtoulaga peýdalanan wagty üçin töleýär, ýagny hasaplaşyk töleginiň möçberi awtoulagyň kärendesinde näçe wagt saklanmagyna we näçe aralygy geçmegine bagly bolýar, bu örän amatly şertdir. Karşering şeýle-de awtoulaglaryň peýdalanyşynyň kemelmegini höweslendirýär. Karşering gür ilatly şäherlerde öz-özüni ödeýär, aýratyn-da, megapolislerde, mysal üçin, welosiped ýa-da jemgyýetçilik ulaglary ýaly serişdelerinden her gün peýdalanýanlar üçin has amatlydyr.

Karşeringi ulanmagyň esasy artykmaçlyklary aşakdakylardan ybaratdyr:

– müşderi üçin islendik zerur wagtda ulgamdan peýdalanmak mümkinçiligi;

– awtoulagyň tutuş parky, köp ýagdaýlarda, islendik wagt ulanmaga taýyn, öz gezeginde taksi bilen deňeşdirilende arzan;

– ulanyjynyň ýagdaýyna we islegine görä, ileri tutulýan awtoulagyň görnüşini saýlamak mümkinçiligi;

– esasy artykmaçlyk gymmat bolmadyk kärendedir, şahsy ulagy satyn almakdan has amatly we arzandyr.

Ýokary hilli GPS meseläniň çözgütleriniň biri bolmagy mümkindir, sebäbi ol ulanylýan ulagyň geografiýasyny giňeltmäge we gözegçiligi gowulandyrmaga kömek edýär.

Karşering howpsuz hyzmatdyr, sebäbi awtoulagyň anyk nirede ýerleşýändigini islendik wagt kesgitlemäge mümkinçilik berýän gözegçilik ulgamynyň her dürli görnüşleri bilen üpjün edilendir. Karşering çeýe hyzmatdyr, sebäbi şäheriň ýerüsti ulagy bilen deňeşdirilende, müşderiniň wagtyny tygşytlaýar, barmaly ýerine çalt baryp bolýar. Karşering amatly hyzmatdyr, sebäbi müşderilerde mobil anyklamalaryň üsti bilen zerur awtoulagyny çalt saýlamak, tölegini tölemek we ulagly hereketi başlamak mümkinçiligi bar.

Ekologiýa taýdan arassalygy babatynda, zäherleýji gazy az çykarýan we ýangyjyň harajadyny tygşytlaýjy ulgam bilen üpjün edilen (mysal üçin, garyşyk modeller «Prius», «Civic», «Yaris compact» we beýlekiler) awtoulaglaryň soňky görnüşi ulanylýar.

Geljekde kärende parkynyň üstüni elektrik ulgamyndan we elektromobillerden tok güýjüni alýan garyşyk awtoulaglar dolar, bu öz gezeginde karşeringiň artykmaçlygynyň üstüni ýetirer, ýagny:

– zäherleýji gazyň çykarylyşy azalar;

– ulag heläkçiliginde ýangyn we partlaýyş howpy azalar;

– köpçülikleýin ulanylmagy, mysal üçin, elektromobilleri gijesine tokdan güýçlendirmek «elektrik toguny ulanmagyň ýokary derejesi» meselesini çözmekde kömek eder;

– awtoulag eýeleri üçin ykdysady tygşytlylyk.

Karşeringde ýüze çykarylan artykmaçlyklar onuň giňden ýaýramagyna şaýatlyk edýär. Şeýle hem ýol hereketiniň we daşky gurşawyň ýagdaýlaryny gowulandyrmaga kömek eder.

Türkmenistanyň Döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynda ekologiýa we daşky gurşawy goramak, «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmek mynasyp orny eýeleýär. Türkmenistan ekologiýa taýdan arassa önümleri öndürýär we halkara bazarlara ekologiýa taýdan arassa önümleri ugradýar.

Ata Watanymyz gözümiziň alnynda ösýär, gözelleşýär, işlemek we dynç almak üçin oňaýly şertler döredilýär.

Häzirki döwürde paýtagtymyz Aşgabat bütin dünýäde ýaşaýyş üçin amatly şertleri özünde jemleýän, ösen şäher hökmünde bilinýär. Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen baş şäherimizde amala aşyrylýan özgertmeler syýasaty paýtagtymyzyň hemmetaraplaýyn ösmegine ýardam berýär. Muňa Aşgabadyň Aziýanyň «merjen şäheri» diýen belent ykrara eýe bolmagy doly şaýatlyk edýär.

Iň owadan, iň nurana, iň tämiz Aziýanyň «merjen şäheri» — geljegiň «akylly» şäheri Aşgabatda, şeýle-de «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geljekde elektromobilleriň karşering hyzmatynyň girizilmeginiň ýurdumyzda «ýaşyl ykdysadyýetiň» ýörelgeleriniň ornaşdyrylmagyna itergi berjekdigi ikuçsuzdyr.

*(Soňy).*

Jahan BABAMYRADOWA,
«Türkmengaz» döwlet konserniniň Ylmy-barlag tebigy gaz institutynyň ylmy işgäri.

## Marketingiň esaslary



### Firmanyň ýerlemek syýasaty

(Başlangyjy gazetiň geçen sanlarynda).

Önümi ýerlemek üçin harajatlaryň möçberi, kada bolşy ýaly, ýerleýiş işgärleriniň zähmetine hak tölemek, ulag harajatlary we beýlekiler bilen baglanyşykly harajatlardan emele gelýär. Ýerleýiş işgärleriniň zähmetine hyzmat edilýän çägiň möçberlerine baglylykda tölenilýär.

Ýerleýiş işgärleriniň zähmetine hak tölemegiň ähli usullaryndan has ýönekeýi aýlyklary bellemekdir, şonda işgäre yzygiderli interwallaryň üsti bilen kesgitlenen pul möçberi tölenilýär, harytlary satmagyň möçberine garamazdan, adatça, aýda iki ýa-da bir gezek tölenilýär. Görkezilen usulyň esasy ýetmezçiligi ýerlemek boýunça işgärleri göni maliýe taýdan höweslendirmegiň ýoklugydyr, bu olaryň işjeňliginiň we iş netijeliliginiň peselmegine getirip biler.

Ýerlemek boýunça işgärlere komission tölegleriniň bellenilmegi zähmete hak tölemegiň çylşyrymly usulydyr. Komission hakheşdegiň esasy iki görnüşi bar, olar: sap komission we komissionlaryň hasabyna karz. Şunda sap komission tertip üç elemente bölünýär:

– töleg göni işiň görkezijilerine baglydyr (mysal üçin, geleşigiň pul möçberlerine, satylan harydyň görnüşine ýa-da mukdaryna, alnan girdejiniň pul möçberine, çekilen alyjynyň görnüşine we ş.m);

– tutuş düzüm birligi üçin komission hak-heşdegiň ýeke-täk göterimini belleýär;

– komission tölegiň başlanýan ýa-da komission göterimi üýtgeýän derejesi bellenilýär.

Zähmete hak tölemegiň ýeke-täk komission tertibine goşmaça edip komission stawkalaryň dürli görnüşleri peýdalanylyp bilner.

Bellenilen girdejiniň kepillikleri bilen komission ulgamyň stimullarynyň kombinasiýasydyr. Firma işgäriň hususy aýratynlyklaryndan ýa-da tutuş firma boýunça bellenilen derejeden ugur alyp, her bir agent üçin tarif belleýär we ony töleýär. Haçan-da işiň jemleri boýunça komission hak-heşdegiň pul möçberi tarifiň möçberinden ýokary geçen mahalynda firma işgäre alnan tapawudy töleýär. Eger komission hak-heşdegiň möçberi öň berlen tarifden az bolsa, işgär firmanyň öňünde bergidar bolýar, munuň özi öz nobatynda tarifiň indiki möçberiniň gaýtadan hasaplanylmagyny talap edýär.

Tölegiň kombinirlenen ulgamynda umumy hak-heşdegiň bir bölegi işgäre kepillendirilip tölenilýär, şol bir wagtda beýleki bölegi komissionlardan gelip çykyp biler. Bu bölekleriň has ýaýran göterim gatnaşygy aşakdaky ýalydyr. 80 göterim aýlyk, 20 göterim stimullar (komission hak-heşdekleri, baýraklar we başgalar).

Ýerlemek boýunça hünärmenleriň işiniň esasy ugry müşderiler bilen amatly geleşikleriň baglaşylmagy, şeýle hem müşderilerden alnan maglumaty firma bermek arkaly yzyna aragatnaşygyň üpjün edilmegi bolup durýar. Şunuň bilen baglanyşykly ýerlemegi höweslendirmek meselesi aýratyn ähmiýete eýe bolýar.

Ýerlemegi höweslendirmek eýýäm harydyň sarp edijilik häsiýetleri hakynda habarly bolan alyja ýüzlenilen firmanyň işini öz içine alýar. Ýerlemegi höweslendirmegiň esasy wezipesi harydy soňra satyn almalara müşderileri oýarmak, ony uly tapgyrlar bilen satyn almaga, yzygiderli täjirçilik aragatnaşyklaryny ýola goýmaga oýarmak we başgalardyr.

Ýerlemegi höweslendirmek boýunça iş harytlaryň bäsdeşlik ýagdaýynda has wajyp bolýar. Adatça, ýerlemegi höweslendirmek babatda sarp edijilere we satyjylara gönükdirilen çäreleri tapawutlandyrýarlar.

Alyjylara gatnaşyk boýunça ýerlemegi höweslendirmek boýunça çäreler harytlary edinmekden duýarlykly täjirçilik bähbidiniň teklibinden ybaratdyr we harydy, karzlary edinmek, nusgalary mugt ýaýratmak, ekskursiýalar, metbugat konferensiýalary, bahanyň düýpli pese gaçmagy we ş.m. üçin arzanladyşlaryň berilmeginden ybaratdyr.

Satyjylar (dellallar) babatda ýerlemegi höweslendirmek olary ýokary energiýa we netijelilik bilen harytlary satmaga bolan olary höweslendirmäge gönükdirilendir. Satyjylara satuwdan öňki we satuwdan soňky hyzmat üçin ýörite enjamlar mugt ýa-da ýeňillikli şertlerde berilýär, satylan bahadan belli bir arzanladyşlar, goşmaça rugsat günleri, dynç alyşy guramak, moral stimullar we başgalar berilýär.

Ýerlemegi höweslendirmek boýunça firmanyň tagallalary lomaý we bölek söwda kärhanalarynyň eýelerine satyjy firmanyň sarp edijilik islegini döretmegine we ösdürmegine ýardam edýändigini subut edýär, munuň özi bolsa, öz nobatynda, haryt hereketiniň kanalynyň ähli zwenolaryna täjirçilik perspektiwalaryny üpjün edýär.

Harydy ýerlemek bilen baglanyşykly çäreleriň ulgamy çeýe bolmalydyr we ýerlemäniň şertlerine baglylykda üýtgemelidir.

*(Dowamy gazetiň indiki sanynda).*

Maraljan KURBANOWA,
Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň Söwda-kooperatiw mekdebiniň mugallymy.

Karşering howpsuz hyzmatdyr, sebäbi awtoulagyň anyk nirede ýerleşýändigini islendik wagt kesgitlemäge mümkinçilik berýän gözegçilik ulgamynyň her dürli görnüşleri bilen üpjün edilendir. Karşering çeýe hyzmatdyr, sebäbi şäheriň ýerüsti ulagy bilen deňeşdirilende, müşderiniň wagtyny tygşytlaýar, barmaly ýerine çalt baryp bolýar.

# Sport



## «Arkadag» topary yklym ýaryşynyň ýarym finalynda

Türkmenistanyň çempiony «Arkadag» topary yklym derejeli ýaryş bolan AFK-nyň Çagyryş ligasynyň ýarym finalyna çykmagy başardy. Türkmen topary geçen hepdäniň çarşenbe güni çärýek finalyň jogap oýnunda Hindistanyň «Ist Bengal» klubuny myhman alyp, 2:1 hasabynda ýeňiş gazandy. Arkadag şäherindäki 10 müň orunlyk stadionda geçirilen duşuşygyň 1-nji minutynda myhmanlar öňe saýlanan hem bolsalar, türkmen futbolçylary oýnuň ahyrynda ýeňşi öz taraplaryna agdyryp bildiler. Has anyk aýtsak, ätiýaçdan oýna goşulan Altymyrat Annadurdyýew 88-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan hasaby deňledi. Oýnuň esasy wagtyna goşulan 8-nji minutda bolsa «Arkadag» toparyna ýeňiş getiren topy garşydaşyň derwezesine ýollady. Şeýlelikde, «Arkadag» topary iki oýnuň netijesine görä 3:1 hasabynda «Ist Bengaldan» üstün çykyp, ýaryşyň ýarym finalyna adyny ýazdyrdy. Toparyň ýarym finaldaky garşydaşy Kuweýtiň «Al-Arabi» topary bolar. Ýarym finalyň oýunlary 9-njy we 16-njy aprel günleri oýnalar.

Taýýarlan: Taýýarlan: Muhammetnazar BAÝÝAÝEW,
Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Ahal welaýaty boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, kapitan.

## «Formula-1»: Möwsümiň ähli Gran-prilerinde sprinterlik ýaryşlary geçiriler

Formula-1-iň» ýolbaşçylary sprinterlik ýaryşlaryny möwsümiň ähli Gran-prilerinde guramagy meýilleşdirýärler. Bu barada «CircusF1» italýan neşiri habar berdi.

«Formula-1-iň» Baş direktorynyň aýtmagyna görä, möwsümdäki sprinterlik ýaryşlary geçirilýän Gran-prileriň sany tapgyrlaýyn artdyrylar. Hususan-da, şeýle Gran-prileriň sany 2026-njy ýylda 12-ä, 2027-nji ýylda 18-e ýetiriler. 2028-nji ýylda bolsa möwsümdäki ähli Gran-prilerde sürüjiler sprinterlik boýunça bäsleşmäge mümkinçilik alarlar.



Ýeri gelende bellesek, 2025-nji ýyldaky «Formula-1» möwsüminde şeýle Gran-priler 6 sanydyr. Has takygy, şu möwsümde Hytaý, Maýami, Belgiýa, ABŞ, Braziliýa we Katar Gran-prilerinde sprinterlik ýaryşlary geçirilýär.

Taýýarlan: Guwanç KARAÝEW,
TDMG-niň Ahal welaýaty boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, maýor.



## Naoýa soňky 4 ýylda ilkinji gezek ringe çykar

Boks boýunça ikinji iň ýeňil agramda absolýut dünýä çempiony ýaponiýaly Naoýa Inoue bilen amerikaly Ramon Kardenasyň arasynda söweşiň geçiriljekdigi resmi ýagdaýda yglan edildi.

Bu söweş 4-nji maýda ABŞ-nyň Las-Wegas şäherindäki «T-Mobile Arena» sport toplumynda geçiriler. Şeýlelikde, Naoýa Inoue 2021-nji ýyldan bäri ilkinji gezek ringe çykar.

Ýeri gelende bellesek, ýaponiýaly boksçy şu wagta çenli professional karýerasynda 29 söweş geçirip, şolaryň ählisinde ýeňiş gazandy. Naoýa şol tutluşyklaryň 26-syny nokaut arkaly öz peýdasyna tamamlady.



Amerikaly Ramon Kardenasyň hasabynda bolsa 26 ýeňiş (14 nokaut) we 1 ýeňliş bar.

Taýýarlan: Ýazmuhammet NURALYÝEW,
Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.

## 2 milliard funt sterlinge täze stadion gurmakçy



Mançester Ýunaýted» kluby özüniň 100 müň orunlyk täze stadionynyň taslamasyny tanyşdyrdy. Täze desganyň binagärlik şekilleri mundan ozal «Uembli» stadionyny, «Apple» kompaniýasynyň ştab-kwartirasyny guran «Foster+Partners» kompaniýasy tarapyndan taýýarlanylypdyr. Toparyň täze stadionynyň taslamasynyň bahasy 2 milliard funt sterling möçberinde bolar diýlip çaklanylýar. «Mançester Ýunaýtediň» ýolbaşçylarynyň aýtmaklaryna görä, täze stadion diňe klubuň däl, eýsem, tutuş sebitiň bähbidine hyzmat eder. Has takygy, onuň gurulmagy 92 müň sany täze iş ornuny döreder hem-de ýurduň ykdysadyýetine milliardlarça dollarlyk peýda getirer.

Taýýarlan: Döwran BEGGYLYJOW,
Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.

## «Bawariýa» 106 million ýewro gazandy

Bawariýa» Ýewropa çempionlar ligasynyň şu möwsüminde iň köp girdeji gazanan topar boldy. Mýunhen klubunyň ÝÇL-iň şu möwsüminde gazanan puly 106 million ýewro deňdir. Bu barada «Football Meets Data» neşiri ýazdy. Sanawyň 2-nji ornunda «PSŽ-niň» (104,4 million ýewro), 3-nji basgançagynda bolsa «Interiň» (103,1 million ýewro) ady bar.

ÝÇL-iň şu möwsüminde häzire çenli iň köp girdeji gazanan toparlaryň sanawy:

1. «Bawariýa» — 106 million ýewro;
2. «PSŽ» — 104,4 million ýewro;
3. «Inter» — 103,1 million ýewro;
4. «Borussiýa» — 102,2 million ýewro;
5. «Arsenal» — 102 million ýewro;
6. «Barselona» — 101 million ýewro:
7. «Real» — 101 million ýewro.

Neşiriň ýazmagyna görä, bu toparlaryň ÝÇL-iň şu möwsümindäki gazançlary heniz ep-esli artyp biler. Ýaryşyň şu ýylky baýrak gaznasy 2,47 milliard ýewro deňdir.

Taýýarlan: Merdan JUMAMYRADOW,
Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň harby gullukçysy, maýor.

## ÝÇL-iň çärýek finalçylary belli boldy

Ýewropa çempionlar ligasynda çärýek finalyň ähli gatnaşyjylary belli boldy. Geçen hepde 1/8 finalyň jogap oýunlary geçirilip, futbol janköýerleri gyzykly gapma-garşylyklaryň şaýady boldular. Hepdäniň iň dartgynly oýnunda «Liwerpul» «PSŽ-ni» kabul edip, 1:0 hasabynda asgyn geldi. Bu iki toparyň arasyndaky deslapky oýunda bolsa iňlis topary myhmançylykda 1:0 hasabynda üstün çykypdy. Şeýlelikde, goşmaça wagtda hem gol urulmansoň, jübütiň ýeňijisi 11 metrlik jerime urgularda anyklandy. Futbol lotoreýasynda bolsa şowlulyk fransuz toparynyň tarapynda boldy. Şeýle-de «Atletiko» we «Real» jübütinde hem ýeňiji oýundan soňky jerime urgulary seriýasynda kesgitlenildi. Bu jübütden «Real» indiki tapgyra ýollanma aldy. Umuman alnanda, Angliýanyň «Arsenal», «Aston Willa», Ispaniýanyň «Real», «Barselona», Germaniýanyň «Bawariýa», «Borussiýa» (Dortmund), Italiýanyň «Inter» hem-de Fransiýanyň «PSŽ» toparlary çärýek finalda çykyş etmäge hukuk gazandylar.

Çärýek finalyň oýunlary 9-10-njy aprel we 16-17-nji aprel günleri oýnalar.

Taýýarlan: Bezirgen REJEPOW,
TDBGI-niň talyby.

«Mançester Sitiniň» hüjümçisi Erling Holand Angliýanyň premýer-ligasynda gol + pas ulgamy boýunça 100 utuga iň çalt ýeten oýunçy boldy.

Awstraliýanyň Melburn şäherinde geçirilen «Formula-1-iň» täze möwsüminiň ilkinji Gran-prisinde «Maklareniň» sürüjisi Lando Norris pellehana ilkinji bolup gelmegi başardy.

# Kofe başynda







**Mende söýýän zatlarymyň hemmesi ýok. Emma men özümde bar zatlaryň ählisini söýýärin.**

Lew Tolstoý



**Ilki öz ýoluňy däl, öz ýoldaşyňy tap. Şol iň möhümi.**

Muhammet Ykbal



**Bu dünýäde erkek adamyň eýelik edip biljek iň uly gymmatlygy zenanyň kalbydyr.**

Josia Holland



**Betbagt bolmazlyk üçin örän bagtly bolmak isleginden ýüz öwürmek gerek.**

Artur Şopengauer



**Ýanyp duran oduň golaýyna çybyndyr çirkeýiň ýakynlaşyp bilmeýändigine şem günäkärmi?!**

Çarlz Dikkens



**Hemişe söýmegi başarýan zenan hiç haçan garramaýar.**

Jin Pasl Riçar

## KROSSWORD



## Sowallar

**DIKLIGINE:**

**1.** Nowruz baýramynda bişirilýän milli tagam. **2.** Hojalyk guraly. **3.** Çyg, öl. **4.** Iki nokadyň, çägiň aralygy. **5.** Türkmen milli baýramy. **7.** Müdimi, baky. **9.** Täleýnama ýyldyzlarynyň biri. **11.** Äht, wada. **12.** At çalyşmasy. **17.** Ýer gazylanda ulanylýan ujy çiş demir. **18.** Ýer asty magdanlary, baýlyklary gazylyp alynýan ýer. **19.** Çatma gurulanda dikilýän esasy sütün. **20.** Ýyl hasabynyň ulgamy. **21.** Belli fizik ... Eýnşteýn. **22.** Igdäniň görnüşi. **24.** Pursat, wagt. **25.** Suwly ýerde gögerýän haşal ot. **27.** Kelle. **28.** Iň mähriban ynsan. **31.** Çakdanaşa, hetdenaşa. **32.** Zyban. **33.** Gawundan taýýarlanýan azyk önümi.

**KESELIGINE:**

**2.** Aýylar maşgalasyna degişli jandar. **6.** Tebigy bolmadyk. **8.** Köpçülikleýin habar beriş enjamy. **10.** Seýitnazar Seýdiniň doglan obasy. **13.** Kakaň ejesi. **14.** Köplük san goşulmasy. **15.** Guşuň heniz ýelek çykmadyk çagasy. **16.** Sadap, düwme. **19.** «Görogly» şadessanynyň gahrymany. **21.** Sag-salamat, gurgun. **23.** Bir zadyň özeni, düýbi. **26.** Ýurdumyzda çap edilýän gazet. **29.** Beýik Britaniýanyň dünýä belli sagat diňi BIG-... **30.** Balyk. **31.** Ýasy çüňkli, boýny we aýaklary gysga guş. **34.** Gala, berkitme. **35.** Miwe. **36.** Ele geýmek üçin ýüňden örülen ýa-da tikilen önüm.

Düzen: **Pulat DOSMETOW,** Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy.

### Gazetiň geçen sanyndaky krosswordyň jogaplary:

**DIKLIGINE:**
**1.** Dalak. **2.** Kelem. **3.** Garagum. **4.** Garyp. **5.** Nedir. **7.** Galla. **8.** Mysal. **9.** Hydyr. **10.** Meret. **14.** Bazar. **15.** Katar. **16.** Nogta. **18.** Alkym. **21.** Öýken. **22.** Kemal. **24.** Serwer. **25.** Pamyk. **26.** Aýlar. **27.** Kesim. **28.** Şekil. **29.** Sarpa.

**KESELIGINE:**
**1.** Darak. **4.** Gelin. **6.** Edara.**7.** Galam. **9.** Hadym. **11.** Kasam. **12.** Peder. **13.** Abzal. **15.** Keman. **17.** Rabat. **19.** Zähmet. **20.** Gürbek. **21.** Ördek. **23.** Ryswa. **25.** Poema. **27.** Kümüş. **29.** Samyr. **30.** Nesil. **31.** Kadyr. **32.** Isrip. **33.** Mahal. **34.** Amper.

# Nowruz baýramynyň hormatyna gurlan bina

Siz dünýäniň täsin binasy bolan «Semeni diňi» hakynda bilýärsiňizmi? Geliň, onda onuň bilen gysgaça tanyş bolalyň!

2019-njy ýylda Täjigistanyň Duşenbe şäherinde bina edilen Nowruzyň ajaýyp nyşanlarynyň biri bolan «Semeni diňi» Nowruz baýramynyň hormatyna gurlandyr. Edil hakyky semeni bugdaýyny ýadyňa salyp, gök öwüsýän binanyň keşbi bu ýere gelýänleri haýrana goýýar. Bu ajaýyp diňiň beýikligi 30 metre, ini bolsa 16 metre barabardyr. Onuň gapdal uzynlygy 10 we 6 metre ýetýär. Nowruz baýramynyň «HAFT SIN» we «HAFT ŞIN» bezegleri bilen bezelen desterhan bolsa «Semeni diňiniň» görküne has hem gözellik goşýar.

Internet maglumatlary esasynda taýýarlan: **Meretgül ÖWEZOWA,** Türkmen oba hojalyk institutynyň mugallymy.



Hemme zat gowy geçip barýar, ýöne deňimizden.
**Mihail Žwaneskiý**

Ýolbars bolmak isleýän pişigiň, ilki bilen, syçanlara bolan işdäsi kesilmeli.
**Afrikan nakyly**

# Habarlar



## Emeli aň ylmy makala ýazdy



Ýaponiýanyň «Sakana» kompaniýasy emeli aň tehnologiýasynyň kömegi bilen ýazylan ylmy makalanyň ylmy derňewlerden üstünlikli geçendigi barada yglan etdi. Kompaniýanyň habaryna görä, onuň «The AI Scientist-v2» sistemasy makalany dolulygyna özi taýýarlady: ylmy çaklamalary kesgitledi, tejribeleri geçirdi we maglumatlaryň üstünde işledi. Netijede, emeli aňyň kömegi bilen ýazylan 3 sany ylmy makalanyň biri «International Conference on Learning Representations» konferensiýasynda makullandy.

Taýýarlan: Şeker ARAZBERDIÝEWA,
Beki Seýtäkow adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň mugallymy.

## «Lego» önümçiligini giňeldýär

Daniýanyň dünýä meşhur çaga oýnawaçlaryny öndürýän «Lego» kompaniýasy 2024-nji ýylda girdejisini 12,8 göterim artdyrdy. Kompaniýanyň girdejisi hasabat döwründe 74,325 milliard krona (Daniýanyň pul birligi) deň boldy. Görkezilen möhletde «Legonyň» arassa peýdasy bolsa 5,2 göterim ýokarlanyp, 13,792 milliard krona barabar boldy.



Kompaniýa geçen ýylyň dowamynda dürli ýurtlarda 47 sany täze dükan açdy. Şeýlelikde, dünýäde «Lego» dükanlarynyň sany 1069-a ýetdi. Kompaniýanyň Meksikadaky, Wengriýadaky we Hytaýdaky önümçiligi giňeldildi. Mundan başga-da, kompaniýanyň Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda açylyşy 2027-nji ýylda meýilleşdirilýän zawodynyň gurluşygy dowam edýär. 2024-nji ýylda kompaniýanyň iş orny 28-den 31 müňe çenli artdy. Ýeri gelende bellesek, «Legonyň» oýnawaçlary dünýäniň 120-den gowrak ýurdunda satylýar.

Taýýarlan: Seýit MEŇLIÝEW, TDBGI-niň talyby.

## «Hugo Boss» girdejisini artdyrýar



Germaniýanyň eginbaş we aksessuar öndürýän «Hugo Boss» kompaniýasy 2024-nji ýylda girdejisini 3 göterim artdyryp, 4,31 milliard ýewro gazandy. Geçen ýylyň soňky çärýeginde bolsa kompaniýanyň girdejisi 6 göterim ösüp, ol 1,25 milliard ýewro ýetdi. Arassa peýda geçen ýyl azkem peselip, 224 million ýewro deň boldy.

Kompaniýanyň salgyt töleglerinden öňki arassa peýdasy bolsa 361 million ýewro barabar boldy.

Geçen ýyl kompaniýanyň öndürýän gündelik geýilýän eginbaşlarynyň satuwy 5 göterim, zenanlaryň egineşikleriniň satuwy bolsa 3 göterim ýokarlandy. Brendiň satuwy Demirgazyk we Günorta Amerikada 8 göterim, Ýewropa, Ýakyn Gündogar ýurtlarynda we Afrikada 3 göterim ösdi.

«Hugo Boss» 2025-nji ýylda girdejisiniň 2 göterim ýokarlanmagyna garaşýar. Häzirki wagtda kompaniýanyň bahasy 2,62 milliard ýewrodyr.

Taýýarlan: Orazmuhammet BAÝRAMOW,
TDBGI-niň talyby.

## Jeff Bezosdan öňe geçdi

Mark Sukerberg 2025-nji ýylda dünýäde iň baý adamlaryň arasynda ikinji orna geçdi. Ozal iň baý adamlaryň arasynda ikinjilik Jeff Bezosyňkydy. Bu barada «Forbes» žurnaly mälim edýär.



«Bloomberg» neşiriniň ýazmagyna görä, üýtgeşmäniň sebäbi, ilkinji nobatda, Jeff Bezosyň «Amazon» kompaniýasynyň paýnamalarynyň arzanlamagy, şol bir wagtyň özünde hem Mark Sukerbergiň ýolbaşçylyk edýän «Meta» kompaniýasynyň paýnamalarynyň gymmatlamagy bilen baglanyşyklydyr. Häzirki wagtda Sukerbergiň baýlygy 206 miliard amerikan dollary diýip hasap edilýär.

«Forbes» žurnalynyň taýýarlan milliarderleriň sanawynyň başdaky onlugynyň 9-sy amerikaly, 1-i bolsa fransiýalydyr.

Taýýarlan: Nazar MÄMMETGELDIÝEW,
TDMG-niň harby gullukçysy, uly leýtenant.

## Iň gymmat skripka satyldy



Antonio Stradiwariniň 1715-nji ýylda taýýarlan «Baron Knoop» atly skripkasy rekord baha satyldy. Ony näbelli alyjy 23 million amerikan dollaryna satyn aldy. Bu skripka ozal amerikaly kolleksiýaçy Deýwid L.Fultona degişli bolup, ol ony 1992-nji ýylyň fewral aýynda 2,75 million amerikan dollaryna satyn alypdy.

